# Üns beriň!

Bu kitap hiç-hili görnüşde satuwa degişli däl. Bu kitaby islendik görnüşinde köpçülikde paýlaşylanda, islendik pul birligi ýa-da internet ulgamynda bal ýa-da ş.m. görnüşinde garşylygyny talap etmek gadagan.

Kitaby mugt görnüşinde, hiç ýeri üýtgedilmedik ýagdaýynda paýlaşyp bilersiňiz.

Bu kitapda şahyr Atajan Annaberdiýewiň ýazan goşgularnyň we poemalarnyň birnäçesi ýerleşdirilendir.Goşgular şahyryň kitaplaryndan we www.ertir.com internet portalyndan alyndy. Bu elektron kitaby ýasan Merdan Babaýew we ol bu kitap sebäpli ýüze çykyp biljek islendik meselede jogapkärçiligi öz üstüne almaýar.

Bu kitap barada ýüze çykan soraglar, teklipler we şeýle kitaplaryň köpelmegine maddy hem başga görnüşde ýardam bermek üçin şu salgylar bilen habarlaşyp bilersiňiz:

Babaýew Merdan Gurandurdyýewiç
E-poçta: merdansoft2@gmail.com
Line ID: merdan3999
Mobil telefonlar: +993 63 160312 we +993 68 031694

# ATAJAN ANNABERDIÝEW

*(1946-2006)*

Atajan Annaberdiýew, 1946-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Gökdepe (häzirki Çäçdepe) obasynda doglan. Milleti boýunça türkmen. 1953-nji ýylda Murgap etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň 1-nji klasyna okuwa barýar. 1964-nji ýylda Murgap etrabynyň 19-njy orta 11-ýyllyk mekdebini üstünlikli tamamlap, Aşgabatdaky M.Gorkiý (häzirki Magtymguly) adyndaky Türkmen Döwlet Uniwersitetine okuwa girýär. 1969-njy ýylda Uniwersiteti fizik-magnitolog hünäri boýunça tamamlaýar. 1969-njy ýyldan başlap, tä 1995-njy ýylda hormatly dynç alyşa (pensiýa) gidýänçä, 26 ýyllap, Murgap etrabynyň 19-njy orta mekdebinde mugallym bolup işledi.
Atajan Annaberdiýew 1974-nji ýylda 28 ýaşyndaka Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň agzalygyna kabul edildi. Atajan Annaberdiýew Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň taryhynda agzalyga kabul edilen iň ýaş şahyrdyr.
Şahyr A.Annaberdiýew 1991-nji ýylda Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň Mollanepes adyndaky baýragynyň ilkinji eýesi bolýar.
A.Annaberdiýew 1996-njy ýylda "Watana bolan söýgüsi üçin" diýen medal bilen, 1999-njy ýylda bolsa "Gaýrat" medaly bilen Döwlet tarapyndan sylaglanýar.
A. Annaberdiýew 1996-njy ýylda Garaşsyz Türkmenistany wasp edýän goşgularydyr poemalary üçin Türkmenistanyň Demokratik patiýasynyň yglan eden bäsleşiginiň ýeňijisi hökmünde pul baýragyna mynasyp boldy.
2005-ýylda Döwlet tarapyndan degişmeçi ýazyjylaryň arasynda geçirilen bäsleşigiň ýeşijisi bolup, pul baýragyna mynasyp boldy.
Atajan Annaberdiýewiň aýaly Gurbanjemal Suwhanowa (şahyryň öz klasdaşy, kursdaşy hem-de Murgap etrabynyň 19-njy orta mekdebinde mugallym bolup bile işlän işdeşi).

Çagalary dört: Çemen, Guwanç, Nursähet, Läle.

A. Annaberdiýew ulular üçin we çagalara niýetlenip ýazylan kitaplaryň birnäçesiniň awtorydyr:
“Bugdaýly meýdan” (1982ý., ulular üçin goşgular we poemalar),
“Şadyýan suratlar” (1983ý., çagalar üçin goşgular),
“Säher çygy” (1986ý., çagalar üçin hekaýalar),
“Çydamyň çägi” (1988ý., ulular üçin goşgular we poemalar),
“Kömelekli meýdan” (1989ý., çagalar üçin hekaýalar),
“Otluga siňen ýodalar” (1994ý., çagalar üçin goşgular, tapmaçalar),
“Deňiz derejesi serhet” (1996., ulular üçin goşgular).

# GAÇYP GIDEN GYZA

Ýylgyrdyň öz böwrüň özüň gyjyklap,
Gyssandyň gunçalan göwnüň açmaga.
Sebäp ýokdy bukjalaryň gujaklap,
Önüp-ösen ojagyňdan gaçmaga.

Gaçdyň gitdiň sorup ýuwdunaryňdan,
Az ýaly öýňüziň tämiz howasy.
Çagalykda diňlän hüwdüleriňden
Ýakymlydyr öýtdüň yşkyň owazy.

Aýdym-saza hem zenzelä çolaşyp,
Ýetdiň edýäň arzuwyňa - geregňe.
Şatlan, aldyň bu şatlygy çalşyp
Atañ-eneň söýgüsiniň deregne.

Diýýäň bu gün «Razy bol» bir diýsemdim,
Ýalaňaç ökünçler örtänok seni.
Gözüň ýaşlap ataň öýün küýsediň,
A olar öýüne eltenok seni.

Örtenerler aglasaň sen, solsaň sen,
Gulagňa däl, ýeter a:gryň ýüregňe.
Bagtly dälsiň bagty alan bolsaň sen
Ataň-eneň söýgüsiniň deregne.

## AÝ-AÝDYŇ GIJEDI

Aý-aýdyň gijedi, çola kenarda
Durduk digdireşip, galpyldap, üşäp.
Derýa bolsa sessiz akyp ýatyrdy
Ýyldyzly asmany astyna düşäp.

Diýdiň: "Kakam ýene içip başlady,
Birhili bolaýdy ejem ölensoň.
Jigilermi gyran-jyran edýär ol
Her gün agşam serhoş bolup gelensoň.

Ýöne haýyş edýän, bilmedik bol sen,
Bolsun il üçinem bu ýalan ýaly.
Nädeýin, Atajan, halaýan bolsaň,
Görüber sen meni uýalaň ýaly."

Soň çala hamsygyp, aşak oturdyň,
Mele saçlaň bilen aýagňy duşap.
Derýa bolsa sessiz akyp ýatyrdy
Ýyldyzly meýdany astyna düşäp...

## ÇÖLÜŇ DEŇIZ GÜNLERI

*(Dostum Agageldi Allanazarowa)*

Salam saňa boz jerenleň gulanlaň,
Äpet-äpet kepjebaşlaň mekany!
Gitmez sende ýeke gezek bolanlaň
Gulagyndan kökilikleň mukamy.

Seniň çägäň asman ýaly alysda,
Alysda ol gözýetimden dürbüden.
Boýlap bilmän göreç ýaly arassa
Asmanyňda ýitip gidýär bürgüdem.

Gök otluga siňip gitdi ýodalaň,
Ýollaňňam inçelip döndi sapaga.
Baýyrlaňda köräp-köräp ot alan
Çigildemleň meňzäp ýatyr şapaga.

Diýdiler: "Ot bilden, ýokdur ýol indi,
Iň gowsy düşläň-de şu ýerde galyň!
Mundan aňryk gitmek mümkin däl indi,
Bolmasa gaýygyň, bolmasa salyň."

## Bir käse un

Ezizim, şu bereketli ojakda
Bir zady belläp goý, eşdip goý senem.
Ýetginjek mahalym çagyryp ýanna
Bir haýyş edipdi garryja enem.

Diýdi: "Çykaraýman ýadyňdan, balam,
Bir käse un al-da, ir bile ugra.
Açlykda alypdym, berilmän galan
Bir käse un bergim bardy Mamura.

Aglajakdym boş gaýtarsa yzyma,
Kän oturdym bosagasyn dyrmalap.
Şonda ol bar unun böldi-de ikä
Berdi maňa bir käse un gyrmalap.

Razy et, köşegim, Mamur ejäni,
Diý islän ýermize ýetýär elimiz.
Algyň öwezine näme sorasa,
Ony hökman tapyp beräýmeli biz"...

Soňra enem kän seredip oturdy
Elimdäki ýeke döwüm nanyma.
Bir bogdak un alyp ertesi irden
Bardym menem Mamur ejäň ýanyna.

Ol bürküldäp duran päkize uny
Üç gezek gaýtadan syldy ýüzüne.
Dolduryp aldy-da moýly käsesin
Diýdi: "Şu, köşegim, algymyz, ine.

Galanyny äkit, guzym, öýňüze,
Un alan artykmaç getirýän däldir.
Gyt bolsun, bol bolsun, çörek diýlen zat
Öz mukaddesligin ýitirýän däldir".

## ÝÜREKDEN SÖÝ SEN

Tylla saçlaryny ýaýdy ikindi,
Seň ýoluňa şo-ol garadym oturdym.
Bu durmuş düýş bolup duýulmaz indi,
Sen ýene kalbyma şowhun getirdiň.

Häzir başga birin salsa-da ýada
Şapaga boýalan galňas köýnegiň,
Gowsy, sen barlygyn aňma dünýäde
Öň bir köýüp, soň ýene-de söýmegiň.

Saçlarmy ýat elleň sypanyn duýup,
Diýäýme: “Baryny gürrüň bersene,
Menden öňem birin söýdüňmi?” diýip,
Soraýma, soraýma, ýalbarýan saňa.

Duýulmasyz zatlar duýulman galsyn,
Soralmasyz zatlar galsyn soralman.
Nämä geregi bar bir şowsuzlygy
Ýene-de bir gaýtaladyp ar almaň.

Arzuwly günlerden gürrüň açaly,
Ynan bagtlydygňa, ýürekden söý sen.
Aýdylmasyz zatlaň ýitsin açary,
Bilinmän galýan zat azmy nä eýsem?!

## A.S.PUŞKIN AGLAMANDYR

Belki, Puşkin özün köşeşdirendir
Gam- gussasyn goşgularna siňdirip.
Puşkin aglan bolsa,
bilmezdi ony,
Enekesem, mawy Rusam diňdirip.
Diýmäň: "Goşgularnyň gözýaş dökmekden
Halas edýänini aňlan däldir ol".
Belki, şoňa düşünensoň
ömründe
Ýekeje gezegem aglan däldir ol.

# BAGT DIÝLENDE

Gök köýnegiň ýaz şemaly ýalydy,
Diňe sendiň şol ýazlaryň gelşigi.
Men henizem göz öňüne getirýän
Gök otlaň çyglaryn seçeläp,
                                        seniň
Derýaň kenaryna ylgap gelşiňi.

Seniň gerdenlerňe dökülip duran
Melemtil saçlaryň togar-togardy.
Şol gijeleň Aýam
                        köne harazyň
Aňyrsyndan lowlap-lowlap dogardy.

Diýerdim men seni basyp bagryma:
 “Tizläli-le toýy, ýa sen garşymy?”
Sen aýaňy dodaklarma goýardyň,
Geň görýän deý ölüp-öçüp barşymy.

Hem diýerdiň synlap gumak ýollary:
 “Haýsyka bularyň bagta ýetirýän?”
Men-ä şindem bagt diýlende bir seni,
Diňe seni göz öňüne getirýän.

## Ýassyk

Saçyň ýaýyp irkilipsiň sen eýýäm,
Arkaýyn ýat, oturaryn ýanyňda.
Menem indi otuz dokuz ýyl bäri
mydar edýän seň ýassygyň ýarynda.

Özgelere galdyramok gabagmy,
Bolýar maňa bir seň göwnüň hoş bolsa.
Bir haýyşym: aglamagyn, turaňda,
öz ýassygyň galan ýary boş bolsa.

## Ökünme

Ökünme sen maña sataşmanyña,
Hem galma yzymdan ogryn garap sen.
Bu dünýäde oñat adamlar kändir,
Bilersiñ mensizem başyñ çarap sen.

Janymyz sag häzir ikimiziñ-de,
Geregi ýok arkadagyñ,diregiñ.
Esasy zat bolsa,öýünde däl-de,
Kalbynda ýaşamak birek-biregiñ.

# TEBIGATDA BIR KADA BAR

Tebigatda bir kada bar,
Gunça güle öwrülmeli.
Odun küle õwrülmeli.
Öwrülmeli ýoda ýola.
Hoş gal söýgim,
senem bir gün
Öwrülmeli ýat aýala...

## DIŇE IKISI

Çöňňelen gözüne dakyp äýnegin,
Orak dişär ýa pil saplar güneşde.
Kempirem çykar-da alyp çäýnegin,
Diýer : “Senem otur-a, gel, gürleşde”

Goýar goja,
ýöne yz ýandan ýene,
Çekijiň ýa igäň sesi eşdiler

Ikisiniň ýaşam ýetipdir çene,
Olar ýetmiş ýyldan parran geçdiler.

Ýuwutdy gohly şäher olaň ogluny,
Çykypdy gyzlaram durmuşa olaň.
Şeýdip öýüň jagul-jugly sowuldy,
Sowuldy ozalky şowhun-şagalaň.

Öňde-soňda bolmadyk deý goh-gowur,
Haňlap ýatyr boş otaglaň eýwany.
Içi gysan goja diýýär käte bir:
“Sen menden bir soňa galgyn, keýwany!”

# EJEME

Bilýäň eje ,dost-ýarym kän, goýmazlar öýde meni,
Tä gelýänçäm garaşyber ,gaýbana söý-de meni.

Ogul gider , galar ene ,aýralyga döz geler,
Az ýatlanar mährem ene, arzylanda özgeler.

Är işin boýna alan , ejizlemez-nalamaz,
Il özüniň şat gününde ejizläni halamaz.

Çydamlydyr ogluň eje , göwünleri awlaryn,
Ejizlesem ir-giç gelip  seň gapyňda aglaryn.

## GARRYLYK

Özgelerden iki sagat giç ýatýar,
Özgelerden iki sagat ir turýar.
Çünki , onuň galan döwri hasaply,
Çünki , onuň galan ömri azaply.
Peýdasy ýok  indi gussa batmaňam,
Juda golaýda oň barmaly ýeri,
Ýetmek boljak indi oňa ýatmanam.

# GYZ GÜZER

Güzerinden oglanlaň ,
Aýratyndyr gyz güzer.
Gelmez oglan bu ýere
Gyz güzerde gyz ýüzer.

Gyzlar depäň üstünde
Goýardylar garawul,
“Plan gyzy çagyryp
Bersen-e sen, bar ogul !”

Diýlenseň, bukulyp
Geçjek borsyň “serhetden”.
Gygyr sakçy:“Dur oglan ,
Aşyberme sen hetden !”

Bolsaňam bet garagol ,
Derrew yza gaýdarsyň,
Arzyň bolsa
gygyryp ,
Sakçy gyza aýdarsyň.

Oglanlaryň hemmesi
Boýundyr bu düzgüne.
Gyzgüzeriň goragy
Çeker togsan ,ýüz güne...

Dogry, gyz güzer, oglanlaň ,
Güzerinden saýlanyp,
Geçip gidýän men şindem ,
Oň daşyndan aýlanyp.

# Ogluma

Senem saklap ýatyp bilmersiň ahyr
Bu eşretli , bigam öýüň duluny.
Çykar-da gidersiň,
haklamak üçin,
Beýniň bekeýänçä iýen duzuňy.

Diýerler : “Han ogul , gyssanma entek,
Eneň-ataň saýlap-seçip öýersin.”
Ýol uzakdyr,
ýaşap ýörseň sag-aman,
Sen bizsizem ýigrenersiň , söýersiň.

Goramaga ýetmese-de erkimiz,
Oýanyp daňdan ýa gijäň ýarynda,
Diýeris biz içimizi gepledip:
“Oňat bordy bolan bolsak ýanyňda”

Ýap-ýaňam çagadyň ,
ondan bäri kän,
Günler-aýlar geçen eken aýlanyp.

Gidiber,
başyň ýaş ,
garaşýar indi,
Saňa- duşuşyklar , bize- aýralyk.

Hoşlaşaly,
geýip galňas penjegin,
Biliň guşa, iliklериň ötür-de,
Soň gidiber ,
önüp-ösen ojagyň,
Başynda az salym dymyp otur-da.

## ÇYDAMYŇ ÇÄGI

Kän urdular,
ýene ýitirdi huşun.
Duşman hyrçyn dişläp goýdy depmesin.
Sebäbi oň üçin parhy ýok indi
Nallanan ädikler depsin, depmesin.

Bokurdakda tegek bolup galypdyr
Iňňildi-de,
hykgyldy-da,
sözler-de.
Indi diňe syrdan başga hiç zat ýok
Nury öçen, ýarymaçyk gözlerde.

Öz kadasy, öz çägi bar çydamyň.
Satma Watanyňy , deňi-duşuňy,
Çydam etseň bolýar sähelçe salym-
Çydam etseň ýitirýänçäň huşuňy.

## DILLI TÜÝDÜK

Örtdi derýaň üstün ýüpeksi perde,
Howry öçen, symgylt kenar çolardy.
Ýaňy-ýaňam ýetim çopan bu ýerde,
Uzynly gün  dilli tüýdük çalardy.

Il bu garaýagyz , dogumly ýigdi
Ne ogullyk aldy, ne-de öýerdi.
Ýetim çopan suw almana gelýän
bir
Gök köýnekli, gamgyn gyzy söýerdi.

Ýöne onam alyp gitdi maşynlar
Gyzyl-ýaşyl at gulagyn galgadyp.
Garyş boýly dilli tüýdükden başga,
Guwanara hiç bir zady galmadyk.

Çopan çabalandy üstünde otuň.
Soň dikeldi öz-özüne erk edip.
Uzak gije tüýdük çaldy ,aglady,
Soňam gitdi  bu obany terk edip.

Üýşüp ony ýola saldyk daň bilen,
"Öz obaňy unutmawer" diýdik-de.
Gitdi ýetim çopan ,
gitdi oň bilen
Iň soňky diňlenen  dilli tüýdük-de.

## DUTAR DÜZÜLGI DUR

Diňläp Gurt Ýakubyň kyssalaryny,
Egserdik ýürekleň gussalaryny.
“Ýadadym , dildarym bir zaman goýgun!”
Diýseňem biz öz günüňe goýmazdyk.
Aýtýan aýdymlarňy ,çalýan sazlarňy
Daň atýança diňlesegem, doýmazdyk.
Dogrudanam, çensiz ýadan ekeniň,
Gubar baglan gözleň kem-kem süzüldi.
Gabyndan çykaran dutaryň bolsa,
Duluňyzda duran eken düzülgi.
Oň tarlaryn gowşatmadyň näme üçin,
Neçün ony salman gitdiň gabyna ?!
Belki, muňa jogap berer
beletler,
Seniň häsýetiňe ,seniň tabyňa.
Ýöne bir zat belli ,
gabyna dutar
Kirşi gowşadylyp salynmalydyr.
Oklanýandyr tüpeň atylmak üçin,
Düzülgi dutaram çalynmalydyr.

## GÜL GOWŞURAN GYZA

Sag bol eýjejik gyz ,
Özüňe derek,
Basaýyn bagryma beren gülleřni.
Ýöne indi diňe sen däl,
hiç gyzam,
Gaýdyp berip bilmez geçen günlermi.

Berip bilmez hat-da ony,
şu gözel
Ömri maňa peşgeş beren ejem-de.
Şonuň üçin awap gitýär ýüregim.
Gözel gyzlaň gapdalyndan geçemde.

Size öňde şatlyk-şowhun garaşýar,
Söýüň ,
söýdüriň hem göwün ýurdun.
Men bolsa hiç haçan gaýdyp gelmejek,
Ýaşlygymy taraşlap goşga öwürdim.

Arzuwlarňy,
guwanjyňy ,
şatlygňy,
Lowlap duran al güllere öwür-de,
Getir uýam !
Men olary goýaýyn,
Öz ýaşlygmyň heýkeliniň öňünde.

## ILIM GÜNÜM EKENI

Il-günüme hiç ikilik etmedim,
Habar aldym hassalanyň halyndan.
Ýylgyryp ýa göz güldürip çykmadym,
Aglap gelýän ýat ýolagçyň alnyndan.

Töhmete-de bolup gördüm sezewar,
Guşa duzak, maňa gurdular hile.
Bolamda ejizläp, ýyly söze zar,
Men ýetim çaga deý daýandym ile.

Gerdenime ýalan-ýaşrak gürrüňler
Ýüklenende edilmedik hatam deý,
Ýagşyny-ýamany seljerýän ilim
Düşündi maňa öz enem-atam deý.

Düşündim mem, ilim günüm ekeni,
Ýekesiretmejek, nalatmajagam.
Il-gün eken meni göterjek beýge,
Ilim-günüm eken näletlejegem.

## MUKADDESLIK

Käte üýşmeleňde öwüt berdiler,
Bolmasa-da boýnun burup soraýan.
Iň zerur zatlary mugt berdiler,
Berdiler öwezne hiç zat soraman.

Belentdir bar zatdan namysym-arym,
Asmanym, Watanmyň belent-pesligi.
Belki, bize mugt berleni üçindir
Bahasyz zatlaryň mukaddesligi.

# NAN

Seçeläp çygyn
                    çal duman
Ganatyn kakyp başlady.
Tapylsady bir döwüm nan,
Ýüregim akyp başlady.

Ýok, güýjüm, ysgyn-mydarym.
Wah, däl men agyr keselli.

Bugdaý bişýänçä  çydaryn
Berseler biraz teselli.

Yzda-gam , öňde-hezillik,
Bugdaýlar ösüp ýetişer.
Bolmanda ýuwadyr ýelmik,
Çigildem, kösük ýetişer...

Geçdi ýaşlyk,
                    bialaçlyk,
Däl bu nem gözýaş bile gan.
Damýar gözde galan açlyk,
Zibilde ýatyr mele nan.

# WATAN

Ädimläp, ölçäp çykardan bolsaňam giň sen , Watan,
Öz öýüm ýaly seň haýsy çetiňden girsem , Watan.
Doganym dek kabul eder gapysyndan baranym,
Egrem-bugram ýollaryňy külterläp irsem, Watan.

Aýlanaryn ,öwrülerin, kän gapyny kakaryn,
Ýüzerin men deňizlerde , derýalarda akaryn.
Aýlanyp astynda suwlaň ýa üstünde tekeriň,
Berjaý ederin emriňi, sen näme buýrsaň, Watan.

Irde- giçde dolanaryn şu mähriban diýara,
Öwsün atar mele bugdaý, ak pagta , gök biýara.
Tost aýdylyp, seň şanyňa göterlende pyýala
Diýerin :Bolsun elmydam abadan illeriň Watan.

# WETERAN

Bir aýagy agaç adam,
Ýap ýakadan ýöräp barýar.
Agaç aýagynyň yzynda
Çukurjyklar döräp barýar.

Gelýärdi gojaň yzyndan,
Körpe agtygy ylgaşlap.
Gelýärdi ol çukurjyklaň
Hersine bir çigit taşlap.

Garşyladyk tylla güýzi,
Aýryldy tomus aradan.
Geçip giden gojaň yzy
Doldy göm-gök biýaradan.

## WOKZALDA

Uruş gutarypdy,
                dolupdy wokzal
Gojadan,
          çagadan,
                  gyzdan,
                        gelinden.
Märekäň çetinde durdy bir aýal
Mäkäm tutup oguljygnyň elinden.

Geldi argyn otly persala bolup.
Ýaraly wagonlar doly esgerden.
Agymy, gülkümi bolanok bilip,
Doldy wokzal garym-gatym seslerden.

Bir esgere kän seretdi oglanjyk.
Düşdi ol otludan döşi medally.
Şol esger kakasy bolaýanda-da,
Barybir oglanjyk tanajak däldi.

Düşüp dur esgerler,
                      tüssesi sowlan
Parawoz käte bir güňlenç ses edýär.
Her esger otludan düşende oglan
Umyt bilen ejesine esedýär.

Bu düşýän esgerleň baram oňat-la,
Baryn öz kakasy saýypdy oglan.
Ejesi görkezse haýsy esgeri,
Boýnuna bökmäge taýyndy oglan.

## Näbelli

Garry enem ölen eken açlykda,
Kakam maýyp bolan eken ýaşlykda.
Agamdan-a tapylmandyr deregem,
Ýok-la indi aglamagyň geregem.

Biz oglan wagtymyz geldi geljekler,
Hem näbelli boldy, belli gerçekler.
Olaryň atlaram,
milletem,
çinem,
Belli däl
näbelli,
şonuň üçinem,
Täzelenýär
her näbelli mazary
Görende, müňlerçe kalbyň azary.

# Gelnejem

Çal jograma küýsetmezdi
Aňzakda ojar, gandymy.
Sen bize paýlap bererdiň,
Ýygnalyp goýlan gandyňy.

Nirä gitseň , jüýjäň ýaly,
Yzyňa tirkär ýörerdiň.

Erik iýsem, şänik döwüp,
Maňzyny bize bererdiň.

Ekiz çyksa-da,
birinem
Öz agzyňa atmazdyň sen.
Gaýma gaýar oturardyň,
Biz ýatsagam, ýatmazdyň sen.

Eşekli harman döwmäge
Giderdik irden seň bilen.
Bir täsin aýdym aýdardyň
Aga çalymdaş heň bilen.

Yza galardym duýdurman,
Aglap barýanňy aňamda.
Diýerdim : ”Ilä gelip dur,
Geläýmel-ä meň agam-da.”

Diýerdiň: “Galma ýüwürjim,
Ýa ýadajak bolaýdyňmy ?”
Sen ýok,
indi bilýänem ýok,
Seniň aýdýan şol aýdymňy.

## KAKAMYŇ OKAMAJAK GOŞGUSY

Hoşlaşdyň biz bilen ýaňy gül açan
Ýorunja deňizi ýaly tolkun atanda.
Ynjytmadyk seni soňky güne çen,
Sarpaňy saklady il-gün  , Watan-da

Özüňe gelerdiň şundan öň , gurşan
Damarlarňy owkalamda , ellämde.
Ahyr alyp ýatdy bölejik gurşun,
Otuz bäş ýyl göterseňem kelläňde.

Gyryp  gitdiň inçe erşin tamalaň.
Üzülen ömüri saklanok düwün.
Heniz dogulmankam başlap, tamamlan
Uruş bizi gussa gark etdi o gün.

# BERGIDAR

Kändi onuň bergisi,
Özi bolsa keseldi.
Ýokdy oňa berip biljek teselli.
Girjekdi ol keselhana,
ýok bolsa,
Şol ýerdäki ýatanlara bergisi.
Ölüp gitmäge-de kaýyldy,
ýöne,
Kändi onuň ötenlere bergisi.

## BES EDIPDIR...

Bes edipdir indi okamasyny,
Guwanyp ol ulaglaryň tizligne,
Öňe tarap ok deý atylyp barýar,
Düşünjesi bolsa barýar yzlygna.
Gidiber , gardaş , tä çykýança lejiň,
Gidýändirin öýdüp bir özüm öňe,
Yzlygyna gidişi deý leňňejiň.

# BOLMAJAK BOLSA...

*(täze erteki)*

...Goja ýene tutdy tylla balygy,
Diýdi tylla balyk:”Goýber-de deňze,
Goja, göwnüň islän zadyn dile sen!”
Diýdi goja:”Ýaşat ömrüm ötýänça,
Peri ýaly bir gyz bilen bile sen!”
Ýaňky goja gelip görse,
kempiri
Öwrülipdir peri ýaly bir gyza.
Goja gürrüň berip bolan wakany,
Gollaryn gowşuryp çökenmiş dyza.
Peri gyz gülenmiş garap daşyna,
Ýeri, haýy gaçan, üflis gojany
Ýapsynmy bu eýjejik gyz başyna.

# BOÝUN ALMAK

Söýgüli ýaryny geçen uruşda
Elinden aldyran garry gelnejem,
Oturyp öňünde telewizoryň
Kinolara syn ederdi gije çen.

Synlardy uruşly kinolary ol,
Oturardy gözlerini aýyrman.
Bir kinony görüp bilmän galaýsa,
Soň-soňam ökünip ederdi arman.

Telewizor ýokka şindi obada
Ol uruşdan ýary geler öýderdi.
Heý bolmanda el-aýagyn aldyryp
Ýary geler öýderdi.

Soň bolsa gitdi ol kem-kem özgerip,
Zyňdy ýyrtyp gözýaş siňen ýaglygyn.
Uruşly kinony gaty kän görüp,
Ynandy ol gelmejegine ýarynyň.

# Çopan

Ýadymdan çykanok , şol gytlykda sen,
Küren obaň sygyrlarny bakardyň.
Derýaň boýundaky gök otlukda sen,
Uzynly gün ylgaşlardyň , akardyň.

Seniň için aýazam bir , ýagşam bir,
Ýaz çykansoň ezenegiň galardy.
Ýokdy öý-öwzaryň,
                    her gün agşam bir
Mal eýesi seni myhman alardy.

Ýetimdiň sen, bilýärdiler ýagdaýyň,
Saçak ýazyp agşamyna , ertirde,
Baran ýeriň seni öz ogly deýin
Hezzetlärdi baryn goýup ortada.

Ädigiňem , egniňdäki geýim-de
Iliňkidi , sowgat berlen geýimdi.
Ýokdy seniň özbaşyňa öňüň-de
Obaň ähli öýi seni öýüňdi.

# DOSTLARYMA

Geçmejek harydyň,
                                    gussaň ykbaly
Meňzeş , ony özgä aldap dakmalyň.
Gaýgy-gussamyzy öz ýumak ýaly
Beýnimizde mydam gizläp saklalyň.

Şatlanyň aç-açan,
Söýüň aç-açan,
Gussaňyzy külterlemäň , çözlemäň.
Hem siz keýpi , şatlygňyzy hiç haçan
Özgeleriň hasratyndan gözlemäň.

## DÜŞÜNMEDI

Onuň derdi agyrdy.
Onuň gerşi ýagyrdy.
Ýüklenip töhmetden, nähak günäden,
Gitmeli boldy ol ýagty dünýäden.
Ýöne bende düşünmedi bir zada:
Köteкläp, çagşadyp , gowşan salyny,
Özün şu kesele sezewar eden
Adamlardy sorap gidýän halyny...

# EPITAFIÝA

Bar eken iki aýaly,
Bar eken iki jaýy-da
Iki ýerde taýýarlanýar
Onuň nahary, çaýy-da

Ýüzem, dilem ikidi oň,
Ikidi onuň taňrysam.
Bir özi däl,
            ýanyp duran
 Otmuş diýýärler aňrysam,

Ajal gelip janyn aljak
Bolup dur ol bir seretse.
Janam iki bolan bols-a,
Ýaşap ýörmeli neresse.

# FRONTDAN GELEN HAT

"Düşmeris ahyry aýra biz baky...
Diýipsiň:"Bir eýýäm bugdaýlar bişdi".
Hatyňy okamda gaýramyzdaky
Bugdaýly meýdanlar ýadyma düşdi.

Ýada düşýär düzde saman dek akan
Aý nury,
            irmezdik orak ormadan.
Indi göz ýetirdim, şol meýdan eken
Süňňümize öz reňkini ornadan.

Aramyz daş , ýöne ýüregmiz daş däl,
Umytda bol mydam, ölüm ýok merde.
Munda ýanýan diňe ot ýa agaç däl,
Suwlaram, topragam ýanýar bu ýerde.

Or, ýygna bugdaýy,
                        unut gyssaňy,
Eglenmen, bararyn tamamlansa toý,
Bir haýyşym , ilki bogan dessäňi
Men barýançam dulumyzda asyp goý"

Garaşdyk, saraldyk köp ýatan suw deý,
Kyndy galkyndyrmak aç galan ýurdy.
Saçak boşdy, ýöne bir desse bugdaý
Kepbäň bir burçunda asylgy durdy.

# GARASÖÝMEZ

Garawul sen bir ýere,
Gidýäň her gün giçden soň.
Il örmänkä , daň bilen
Gaýdyp gelýäň işden sen.

Gündüzlerne bir özüň
Ýaşap ýörsüň howlyňda.
Aýalyňam ýok seniň,
Ýok gyzyň-da, ogluň-da.

Bardy olar birmahal,
Gitdi seni terk edip.
Ýapyp gitdi gapyňy
Öňküdenem berk edip.

Timar berýäň günuzyn ,
Howlyňdaky baglara.
Eşeklije üzüm ýa
Nar äkidýäň bazara.

Unudaňok gapyňy
Üç ýerinden gurmany.
Belent howlyň daşyndan
Ýada salýar türmäni.

Gara bagyň bar seniň,
Tapýaň ähli zadam sen.
Wah, bar diňe bir kemiň-
Iň betbagt adam sen.

## GEÇMIŞI ÖWRENIP

Men birçak ýitirdim öz okap çykan,
Dörüp çykan kitaplarymyň sanyny.
Biljek bolýan,
    men geçmişi öwrenip,
Geljekde nämeleň garaşýanyny.

Bilýän, ähli zadyň başlangyjy bar,
Ertitki görjegiň bagly düýnüňe .
Näçe öňden görjek bolsaň geljegi,
Çümmeli geçmişiň şonça düýbüne.

## GELINLER GARAŞÝAR

Açyk penjirede galgaýar perde,
Çakanda ýyldyrym tümlügi böwsüp,
Gözüňe kaklyşyp gidýär içerde
Ýaş gelniň sudury agymtyl öwsüp.

Galpyldadýar onuň gülgün bedenni,
Garaşmakdan dörän sowuk titreme.
Penjiräň öňünde meňzäp otyr ol
Geler öýdüp umydyny ýitrene.

Batga,
        çyg,
                bir ýerde uwlaşýar itler,
Ýöremek kyn tümde ýykylman , batman.
Öz öýüne giç dolanýar ýigitler
Gelinler garaşýar gijeler ýatman.

## Göwreli gelin hakda ballada

Işikdäki buýra saçly garagaç
Ýukaldyp başlady goýras saýasyn.
Dolmuş gelin sallam-sajak kölgede
Otyr ýaňaklarna diräp aýasyn.

Alasarmyk gussaň belli sazy ýok,
Hem kyn tapmak ondan dynmaň tärini.
Gamgyn gelin ýada salýar öýlenip,
Bir aýdan soň taşlap giden ärini.
Bar zat ýada düşýär süýjülik bilen,

Söýgi,
        posa,
                mähir,
                        täsin galpyldy.
Ýada düşýär howatyrly , utanjaň
Göreçlerden çykan ilki ýalpyldy.

Ähli zat täsindi, täzedi bar zat.
Gussaly gutardy ajap hekaýa.

Kanikula gelen agajet oglan
Gitdi,
        gitdi çydam etmän iki aýa.

Beýder ýaly öýke-kine bolmandy.
Bolmandy tersleşip ýaraşmagam-a.
Ýazypdyr: “Bagyşla , söýýänim bardy,
Bir ýalňyşlyk boldy, garaşma maňa!”

Güýzüň golaýlanna düşünýär gelin,
Çapgyn ýol daraýar eleşan baga.
Pyşyrdaýar gelin : “Sende günä ýok,

Sag-aman in dünýä bigünä çaga !”

***

Dargady maşgala,
Gitdi ýaş gelin,
Diýdi-de:”Bir sen däl dünýäň diregi.”

Asuda günlerde , gowy günlerde
Tanamak kyn borly birek-biregi.

Artyp barýar şeýle wakalaň sany,
Geçdigiçe aýlar-ýyllar aýlanyp.
Gizlemän
sebäbin gözlemek gerek,
Artýan bolsa gözýaş bilen aýralyk.

## HOJALYK MÜDIRI

Öňde bahar,
Öňde ýaşyl çabgalar,
Gyňyr gyşyň eýýäm berildi küşdi.
Geldim güllän baga,
                    maýyp çagalar
Hem köne internat ýadyma düşdi.

Gytçylykdy,
            kändi çagalaň sany,
Az getirdi nany lagşan araba.

Hojalyk müdiri bir bölek nany
Çalyşardy ýarym litr araga.

Ýempikläp ýörse-de , sagatdy jany,
Ol giçden soň bar çyrany öçürdi.
Soň içip,
          içirip ,
               uzak gijäni
Ýerzeminde aýdym aýdyp geçirdi.

Gidäýjek ýalydy derdimiz ýeňläp,
Doýaýsa bir gezek garnymyz nandan.
Ýatardyk biz şaňňy gülküsin diňläp,
Şäherden getirlen ýeňles zenanlaň.

Indi onuň gözleýäni ýas-pata,
Ýa sadaka,
            haçan görseň ýolda ol.
Içegendi, heleýbazdy ýaş wagt-a,
Bolaýypdyr indi arsyz molla ol.

# Meýdan

Tanyş öleňlikde aýlanyp ýörün,
Synlap gyzyl gülälekleň ýanyşyn.
Guran ot-çöpleriň astyndan ören
Gök maýsadan ysy gelýär ýagyşyň.

Bu meýdan ezilip säher çygyna
Bir mahal mal bakan, ot oran ýerlem.
Giç öýlänler güwläp galan çybyna
Garaman, sygrymy otaram ýerlem.

Ýeterlikdi meýdan güýjüň synara,
Oýnap-oýnap irmesegem çilikden,
Daşlaşardyk gorkup ikindinara
Derýaň boýundaky gonamçylykdan.

Jenjeller,
            jedeller goýlardy soňa.
Ýok bolansoň keýpi gürrüňleşýäniň.
Daşdady öwülýä,
                        syn edip oňa,
Görerdik şol ýerde Günüň ýaşýanyn.

# Myhmanhanada

Munda ýaşaýanlaň barysy myhman,
Munda ýaşaýanlaň ötegçi bary.
Girýär penjireden şemala ykjan
Uşajyk damjalaň ownuk jybary.

Penjireleň aňyrsynda egilen
Şahadan damjalar syrygyp akýar.
Gökje baldak täsin mylakat bilen
Ýuwaşja pyşyrdap aýnamy kakýar.

Hoş gal amanat jaý, ýorgan-düşegim,
Sapaly möwsümiň barýar gutaryp.
Menem ertir irden ýola düşerin,
Bogup goýan goşhaltamy göterip.

Ýöne eýelener , boş durmaz ýerim,
Ýassanylar ak sonalaň perleri.
Çygyny süpürer penjireleriň,
Egilen agaçlaň gökje pürleri.

## NÄME ÜÇIN

Bilýän öz ýüregmiň ýukalygyny,
Öwrenşip bilemok gözýaşa, aga.
Özüm günäli deý ýalbaryp durun.
Garagollyk edip ýykylan çaga.

Ýok kakamyň bolsa görmedik güni,
Geçipdir içinden dört ýyllyk urşuň.
Kän görüpdik onuň baga bakylan
Äpet öküzlerem pudarlap durşun.

Kakam dagy mertdi hem dözümlidi.
Meň halaýan adamlamdy tüýs olar.
Kim ynanar,
şeýle merdem adamdan
Ýuka ýürek ogul dörär diýseler.

## NÄTANYŞ AÝALA

Çaýylypdyr gül ýüzüňe gam-gussa,
Sen bolsa gizlejek bolýarsyň ony,
Şapak deý sowuksy ýylgyrşyň bilen.
Hem ynamsyz bakýaň, towşanyňky deý
Gorky gatyşykly ýygrylşyň bilen.
Men zäherli ýylan ýa bars däl ahyr,
Gorkma, seni çakmaryn ýa iýmerin.
Hem nätanyş gelne aýdyp bolaýjak
Hoş sözlerden başga hiç zat diýmerin.
Edepsiz saýýarlar erkek kişini
Zenany hormatlap, başyn egmese.
Kyn bor eken bir-ä gizlese derdin,
Seňem jinnek ýaly peýdaň degmese.

## OL GÜNLER

Ol günler bireýýäm uzakda galdy.
Ondan soň erikler ýaýdy gülün kän.
Ýadymda galypdyr, başyň mahmally
Akar ýapdan suw daşardyň gelinkäň.

Seň gelýäniň görsek, gyra çekilip,
Köşeşdirdik şagalaňly güzeri.
Gamyşlaryň arasynda bukulyp ,
Saňa syn ederdi çaga gözleri.

Bedreleriňi dolduraňda egilip,
Gunça deý mahmalyň ýüzün açardy.
Şonda seniň gün görmedik, tegelek
Ak ýüzüň az salym şöhle saçardy.

Giderdiň sen soňra gumaksy ýodaň
Iki gyrasyna hünji seçeläp.
Giderdiň yzyndan seredip ýadan
Çaga göreçlerne ünji seçeläp.

Unutjak bolardyk açlygyň derdin,
Agynap kenaryň çägelerine .
Şonde ýene umyt alyp gelerdiň
Sen uruş ýyllarynyň çagalaryna.

Ogurlapdy ýasly günler sähedin
Obadaky bar tutuljak toýlaryň.
Sen geçen toýlaryň ýatlamasydyň,
Hem sen azruwydyň boljak toýlaryň.

Ol günler bireýýäm uzakda galdy,
Ondan soň erikler ýaýdy gülün kän.
Ýadymda galypdyr , başyň mahmally
Akar ýapdan suw daşardyň gelinkäň.

# TÜRKMEN ERTEKILERINE FANTAZIÝA

Döwüňki deý çüýşä salyp janyňy,
Ähtibarly ýerde goýmaly bolsa,
Tapmaz ýaly ganym duşmanyň gözläp,
Sen ony nirede goýarsyň gizläp ?!
Ýigrenilseň, hem çykylsa kastyňa,
Hökman ony ir-giç gözläp taparlar,
Gömseňem ýedi gat ýeriň astyna.
Taparlar iň çuňňur guýa atsaňam,
Uçut gaýaň çür başyndan assaňam.
Garaşma hiç hemaýata , dalla-da,
Hat-da , ony gorap bilmez alla-da.
Ýaşaýas janyňy diňe özüň däl,
Il-gün bolup goramaly döwürde.
Sepip göýber boz topraga sen ony
Birje gysym ak bugdaýa öwür-de.

# Üçlemeler

Nädeýin düşünjesini,
Bolýar-da maňa, des-deňje
Paýlaşsa düşünjesini.

***

Bir gör, onuň telpegini elle-de,
Şular ýaly nepis zadyň içinde
Bolaýmal-a bir oňatja kelle-de.

***

Gyzy gaçan içip , nas atan eken,
Ol “Beýdip ýörmäň-de ylalaşaýyň!”
Diýip, baranlary tas atan eken.

***

Aýlawly geplern-ä bizem söýerdik,
Diýerdi ol insi öýlenende-de:
“Aýalymyň ýüwürjisin öýerdik.”

***

Onuň bolup ýörşi geňdi, syrlydy,
Saklaýany täze dükanam bolsa,
Göterip ýöreni köne hyrlydy

***

Ol oýnady, utuldy,
Dostlar-a düşdi ele,
Duşmanlaram gutuldy.

***

Durmuş bize gaty kän zat eçilýär,
Ýöne olaň öz wagtynda köpüsi
Ýa görülmän , ýa alynman geçilýär.

***

Muňa sen iru-giç akyl ýetirsiň,
Ýetimsiň sen aýra düşseň iliňden,
Watanyňdan aýra düşseň ýesirsiň.

***

Ýalbar-ýakar, oýun eder,
Halys bolmajagyn bilse,
Aglar welin, boýun eder.

***

Hakykaty boýun alalyň , geliň!
Ýigidiň başyna bela getirýän
Ýa haram puldur, ýa biwepa gelin

***

Hakyň bolsa al elinden gaňyr-da,
Onuň bilen bärde hasaplaşmasaň,
Hezil bermez aňyrda.

***

Ýaşap ýörse, derrew çykar bergiden,
Ýeke oguldyr-da öýlendireni,
Çykarmaly gyzam bar-a birgiden.

***

Aýalam gaty erbet-le,
Ol görgüläde adamsy
Öwredýändird-ä , elbetde.

***

Buşla bar , bolanny jigiň,
Ýöne oňatja barlagyn,

Ýyrtyk bolaýmasyn jübiň!

***

Işgärlern-ä büre daran
Ýaly eder ,ol başlygy
Bolan bolsa bir edaraň.

***

Başlygymyz it edindi.
Geçjek bolsaň , bir zatjagaz
Emlemeli ite-de indi.

***

Dostam bolsaň, ýüz görmeýär,
Elleşmezem elliň üçin,
Ýüz bermeseň , ýüz bermeýär.

***

Sypdym ,
            bar  zat düzeldi,
Berdim ýüz gram üçin
Her haýsyna ýüz elli.

***

Geplärdi özgäň adyndan,
Öz adynyň barlygynam
Çykaran borly ýadyndan.

***

Edinipdir bir ýodajyk,
Ýazan bolýar ýaňsylama,
Degişme ýa parodiýajyk.

***

Diýýär:"Geliň , gatyk alyň!"
Bendäň eli ýuka borly,

Ýöne ýüz-ä gaty galyň.

***

Ellerinden dür dökülýär,
Ýöne alýar näçe berseň,
Diýenok ol: “Dur, dökülýär !”

***

Satdym ähli goýunlarmy, sygrymy,
Süýjüligi, atgulag-a elli jüp,
Halady iki ýüz müňem ýigrimi

***

Kezzaplygň-a barybir
Bilýäs welin,
                    dogrumy
Şu aýdýanlaň ýary bir ?!

***

Semredi , doýup aýryldy,
Ýöne öz ýerine
                            horja
Ogluny goýup aýryldy.

***

Ýagdaý-a agyr görgüliň,
Ýöne pulun gömen ýerin
Aýtmaz-la sorap gör welin,

***

Bir gör bolup oturşyny,
Içip, taýýarlyk görýär ol
Bulamaga oturşygy.

***

Alýar işe magnit ýaly ol çekip,
Aýlygyňam alýar özi, sen diňe

Gaýtsaň bolýar aý ahyrda gol çekip.

***

Akylsyza hem akylla
Akyl beren bolýar welin,
Arman , özi kemakyl-da

***

Gülümjirän bolup, syn ederdi ol,
Alýanjasyn berseň, kyn işi aňsat,
Bermeseň, aňsady kyn ederdi ol.

***

Gör, bu şalaň gözýetimniň darlygyn,
Heý, görüňde rahat ýatyrarlarmy,
Bilseler gabryňda altyn barlygyn.

***

Düşünersiň muňa ulalyberseň,
Tozuberýär eken dostluk diýlen zat
Dostuňy aýaman ulanyberseň.

***

Galkan edinme-de dogumsyzlygy,
Gazaply bolmagy  öwren ataňdan,
Öwren öz eneňden dözümsizligi.

***

Dert adama ýolda ýolugarmyşyn,
Aňsat gazanç gözläp, ters ýola gitseň,
Ýol inçelip, ýoda ýolunarmyşyn.

***

Kyn ýörejek ýoluň batgaly bolsa,
Ýol bererler birýan gyra çekilip,
Ilki öňe düşen batmaly bolsa.

***

Bürgüt ölse: “Nahar bolmaz, bar gidiň”,
Diýip , garga kowar gazan başyndan
Ýetim galan çagalarny bürgüdiň.

***

Girimin-çykymyn öwrenip goýuň,
Başyňa düşmejek gumany ýokdur
Ýas bilen toýuň.

***

Toprak eklär , sen topragy ekleseň,
Ýöne ol özünde bar zadyn berýär,
Sen özüňe gerek zady ekmeseň.

***

Adamy bezeýän oý-hyýalydyr.
Öz bilýän zadyňy öwretmän gitmek
Hazynaňy gizläp giden ýalydyr.

***

Her kim tapawersin öz ornun, ýerin,
Mis teňňeler üçin uly ejirdir
Arasynda ýatmak  altynyň , zeriň.

***

Barýas örňäp , bir-birekden daş bolup,
Şoň üçin hiç kimi keseki saýmaň,
Ýat saýanňyz çykar garyndaş bolup.

***

Haram baýlyk gapan bolsa garagyn,
Tanamaz dost-ýaryn, görmez hiç kimi
Tä düşýänçä öz başyna gara gün.

***

Ol ýürekden urdy, gör ökdedigin,
Wah , bilýär ekeni ganym duşmanam,
Mähriban Watanyň ýürekdedigin.

***

Aňsat ýasalan zat bolanok merdem,
Ýumşak görüp, işi gaýdan alaka
Hin gazynar eken suw geljek ýerden.

***

Öz ornuň tap, ilden janyň aýama,
Eger telpek bolsaň , başda götärler,
Köwüş bolsaň geýilersiň aýaga.

***

Ýamana ýanaşma, gaç , başyň gutar,
Senden zeper ýetjegini bilse ol
Eý görýän dostuňy öňüne tutar.

***

Toýda-ýasda ol biz bilen oturýar,
Ýöne watan hakda gürrüň etseň ol
Öz mellegin göz öňüne getirýär.

***

Bu hakykat saňa öňden mälimdir:
Iň eziz dostuňdyr- ýagşy niýetiň,
Ganym duşmanyňam – ýaman päliňdir.

***

Gorkýar otdan, suwdan adam.
Ýöne howpludyr olardan,
Ykraryny ýuwudan adam.

***

Az sözle, dana bol oglum,
Bir halta saman bolandan
Ýekeje däne bol oglum !

# YNAM

Oglan-gyza parh goýmazdyk o günler.
Barymyz oýnardyk bile , gatyşyp.
Bir ýerde hakyky uruş gidýärdi,
Biz oýnardyk obamyzda atyşyp.

Ýary bizlik , ýary “duşman” bolsa-da,
Çagalar birmeňzeş geýingidiler.
Biz ýeňerdik , ýöne duşman toparam
Bizden ýeňilmäge meýillidiler.

Uruş tamam boldy , ýeňdik biz çyndan,
Gelenleri garşy aldy diýary.
Meň göwnüme bu uruşda olary
Biziň ynamymyz ýeňdiren ýaly.

## ÝAŞLYGYŇ BIR BAHARY

Golaýa getirip ýellenen ýüzün
Asman göm-gök selmelige esedýär.
Şindem süýnüp ýatan çalajan üzüm
Teläriň üstünde zaryn ses edýär.

Maýsalar henizem tümmül bolanok,
Edil düýn ýaly gyssanýanyňy.

"Eje, selmä un goş" diýýän,
bilemok
Bir gysym urbany gysganýanyňy.

Düşündim,
goşjakdyň aslynda bolsa,
Zat barmy iýere ýazylyp , ýaýrap.
Aňryňa öwrüldiň,
asmandan bolsa,
Ilkinji damjalar döküldi paýrap.

## Ýalňyzlyk

Ýene ot ýakyndy,
                    galdy ol ýeke,
Dörjeläp ojagyň üýşmek közüni,
Otyr ýalňyz özi gam çeke-çeke,
Hem ýazgarýar, näletleýär özüni.

Ýitiren dostlaryn tapmaz ol indi,
Tapmaz aglap giden hor aýaly ol.

Otyr gussa batyp,
                    şu çaka çenli
Öz kimligin bilmän ýören ýaly ol.

## KIM BILÝÄR...

Geldi goja ,
            garrap giden
Naçar doganyn görmäge.
Ysgyn-mejaly galmandyr
Indi oň gatnap ýörmäge.

Turdy bir käse çaý içip,
Gowşapdyr gojanyň saly.
Daş çykdy aýal doganam
Küýkerip, eli hasaly.

Şygyrdaşyp dur ýapraklar
Bolup gyzgylt pişmejik deý.
Hoşlaşdy doganlar gaýdyp
Hiç haçan görüşmejek deý.

* * *

Kasam etdi, öpdi-de ol
Ýaşyl tuguň bir ujundan.
Üstün çykmaz hiç güýç indi
Ýaş ýigidiň hyrujyndan.

Kasam etmek üçin del hem
Owadan söz gözlenmeýär.
Çünki baýdagyň synyndan
Ogşap ýalan sözlenmeýär.

* * *

Tomsuň ortasyndan yşyklanypdy.
Diýýärdiler "Derýaň suwam çekiler".
Güllän buýan bilen düşeklenipdi
Üstünde ýatylýan agaç sekiler.

Ýatyrdym daşarda üstümi büräp,
Açyndygym aç çybynlar üýşýärdi.
Kakam agaç çemçäň daşyna orap,
Sekiň bir çetinde kendir işýärdi.

Hiňlense-de häzir gizlin gam bilen,
Maýypdy ol, kellesinde ok bardy.
Meň göwnüme, göýä, zaryn heň bilen
Ol bir gamgyn ýatlamany okýardy.

Niçik heň bu, göwne gussa getiren?
Bilmedim, çagadym, düşünjäm dardy.
Onda iň bir oňat zadyn ýitiren
Gaýduwsyz adamyň hasraty bardy.

Ol derdin gizlärdi, dökmezdi için.
Ýöne duýdum, pikirlenip soň mäkäm,

Ol etmeli iň kyn zady meň üçin
Edipdir men döremäkäm, dogmakam.

* * *

Mähribanym, açylan gül
Irde-giçde solar hökman.
Bolupdy birçak duşuşyk,
Aýralygam bolar hökman.

Bolupdyk öň bir-biregiň
Göwnün tapyp awlamalam.
Ýöne bolarys iru-giç
Dünýäde birimiz galyp,
Iki adamlyk aglamalam...

# “Göroglyny” oka oglum

“Göroglyny” oka , oglum,
Onda seniň üçin gerek
Bolan zatlaň bary bardyr.
Onda gaýduwsyz halkymyň
Göreç deý goralyp gelnen,
Çirksiz namys-ary bardyr.

Bolmasa bolmasyn seniň
Peri aýalyň, gyratyň.
Çalymdaşam bolmasyn goý,
Görogla boýuň , syratyň.

Ýöne onuň ar-namysy
Gaýnasyn dursun ganyňda.
Hem bolsun il-günüň bilen
Wepaly dostlaň ýanyňda.

# ALYSDA

Ýaýylyp ýatyr giňiş suw, tolkunýar derýaň atlazy,
Durun synlap kenardaky uýansyz , bedew atlary.

Ykjadýar bahar şemaly  olaň ýüpeksi ýallaryn,
Ýalpuldawuk sagrysynda gün görünýär gylýallaryň.

Derýaň egrelýän ýerinde çopan ody alawlaýar,
Dik asmana galan tüsse çalymtyk murtun towlaýar.

Oduň başynda atbakar çolanyp otyr oýlugna,
Ol bir çümmük duz guýýar-da, ak kömelegiň oýugna,

Goýýar lowlap ýanýan oduň çetindäki gorda ony,
Owaz deý ýaýraýar bişen kömelegiň şor tagamy.

Güzere inen bedewler basanda suwa dodagyn,
Lowurdap, suwuň astynda öwrülýär äpet oda gün.

Gidýär atlar ,
ýaşýar günem ,
tüm goýalýar assa-assa,
Kişňeýär tez atlar indi ýaşlygym ýaly alysda.

## Aýdym

Başlanýar ýalazy, gök otly meýdan,
Gutarýan ýerinden üýşmek çagyllaň,
Öçüp barýar eýýäm ýüzleri gaýdan
Şapaga çalymdaş elwan çigillem.

Barýan derýa tarap ellerim bilen
Ýalyn çabran, gök otlugy küreklàp.
Ýolupdyr biri-hä sülleren gülem,
Soňam ýolan ýerne gidipdir oklap.

Şowlap geçen çalgylaryň yzlaryn
Bozupdyr ýene-de ýel-ýagşy , jala
Kenardaky ot üýşürýän gyzlaryň
Şadyýan aýdymy eşdilýär çala.

Gün ýaşdy, ýol uzak, gije aý-aýdyň,
Ýagtyldýar Aý öýe gaýdylýan ýoly,
Juda näzik, hem ýakymly ol aýdym
Edil özüm hakda aýdylan ýaly.

## ÇAGAKAM ÝAZAN GOŞGYMY...

Çagakam ýazan goşgymy,
Boldum ýyrtyp taşlamakçy.
Dözmedim , üstünde işläp,
Boldum soň taraşlamakçy.
Büdür-südür setirlerim
Işledigimçe bulaşdy.
Şeýdip çaga kalby ýaly.
Gam-gussasyz setirlerim
Tükenmez derde ulaşdy.
Dogry , çagakam düşünjäm,
Gözýetimim dar ekeni.
Ýöne barybir her zadyň
Öz möwrüti bar ekeni...

# Dostlarym

Deň çekişdik derdi, keýpi-sapany,
Geçdiler meň bilen köp ýoly olar.
Bolaryn men dostlaryma wepaly,
Dostlarymam maňa wepaly  bolar.

Dostluk diňe  ynam bilen beýikdir,
Ol bolsa ýaşaýar gan bilen tende.
Bilip goý, aslynda dostuňam ýokdur,
Oňa bolan ynam ýok bolsa sende.

# ERIKLER GÜLLÄNDE

Erikleriň ülpüldeýän gülleri
Ýagyp dur gar ýaly uçganaklaşyp.
Ýanyp dur erikler,
                    gögümtil öwsen
Suwly salmalara uçgun oklaşyp.

Howluksam-da ak güllerin seçeläp,
Nowçalap başlarna perli şahalaň.
Öz-özüme diýýän: Gyssanma entek,
Sowulmawersin bu şowhun-şagalaň.

Küýseýän  erikleň basym bişerin,
Hem küýseýän bu gülleriň bolaryn.
...Adamlar garraman görmek isleýär
Ýigit çykanyny ogullarynyň.

## GAÝTALANDY

Öçdi çyra,
samanjaýdan getirip,
Otladym pelteli , nebit çyrany.
Gar ýagyp dur,
ýada düşýär çagakam ,
Edil şu günki deý garyň syrany.

Görmändim men şindi söýüp , söýdürip,
Ýokdy gyzlaň albomynda goşandym.
Ýöne çyra kagyz papak geýdirip,
Men bir bigam gyza goşgy goşardym.

Oturardym synlap,
doňan penjirä
Özün urup çabalanýan syrgyny...
Ýene çyra ,
gar hem goşgy,
gizlenip,
Galan ýaly çagalygmyň bir güni.

## Ilkinji goşgularym

Ilkinji goşgulam , ilki setirlem,
Bezeg bermez kitabymyň gatlarna.
Olar girip gitdi gizlin ýetirlen
Söýgi hatlarna.

Ne ýat tutdym ony, ne-de göçürdim,
Geçdim ondan söýgä sataşan pilläm.
Soň bu ömri goşgy ýazyp geçirdim,
Ilkinji goşgymy gaýtalap bilmän.

## KÄN ÝATLAÝAR

Garrap, taby peseldigi saýy ol,
Kän ýatlaýar geljeginden, geçmişin.
Diýýärler: “Oň ters täleýi keçmişin.
Şonuň üçin ýatlap öten-geçeni
Ahmyr bilen nazar salýar hersine...”
Balyklaram taby peselse derýaň,
Ýüzüp gidýär ahyr suwuň tersine.

## MEN OBA OGLANY

Şükür , ykbalymdan däl men närazy
Gumaksy ýollarda oýnap ulaldym.
Gülgün ysgap garşyladym her ýazy,
Bugdaýly düzleri boýlap ulaldym.

Saz boldy beýnime durlap guýanlam,
Bagşy boldy, şahyr boldy uýanlam.
Ulalsamam kökün çeýnäp buýanlaň,
Derde dermanlygyn duýman ulaldym.

Bolsam-da men on doganyň ulusy,
Gitmedim bölünip , küýsäp alysy,
Hoş söz aýtdym  sylap ili-ulusy,
Adama ýaman söz diýmän ulaldym.

Depämdäki sansyz ýyldyz seçilen
Asman şäher ýaly, täze göçülen,
Bize bir ömürlik döwran eçilen
Hoş surat dünýäden doýman ulaldym.

## MEŇZEŞLIK

Goşulýas-da gidýäs adam siline
Säher bilen öýümizden örüp biz.
Meňzedýärler bizi kimdir birine,
Kimedir birine meňzäp ýörüs biz.

Belki , meni gören şatlanyp, ýeňläp,
Diýýändir : “Wah, barmydyň sen, dirimi ?!”
Ýa-da menem başga birine meňzäp,
Agladyp ýörmükäm kimdir birini.?!

## OBADAŞLAŇ DILINDEN

-Goňşy, goýunlarňy boşatmaweri,
Torç edipdir sübseligmi, darymy.
-Bolýar, ýöne indi gelse bagyma
Gyraryn dermanlap ähli aryňy.

***

-Bazarda sataşdym dellal goňşyňa,
Ýa ol ähli dellalaryň pirimi ?
-Ahmal bolsaň, görüşende bildirmän,
Alyp galar bäş barmagyň birini.

***

-Seňki ýaly maşyn goý,
Nesip etsin her öýe.
-Beý diýmäwer sen meni
Zar edersiň kireýe.

****

-Bol-ow , gardaş, “Kepderini” çalyp ber,
Düşünemok “Dilberiňe” , “Geline”.

-Üç gezeg-ä çaldym , ýa indi ony
Pysyrdadyp bereýinmi eliňe ?!

***

-Gazanjyňy ýerliklije sowarlar,
Pul diýen zat hazzyklyga paranok.
-Onyň dogry goňşy, ýöne men senden
Karz pul soraýan, akyl soramok.

***

-Gar ýagýar , sen şindem içip otyrsyň,

Hernä muny gelnejem bir bilmez-dä ?!
-Päheý sen-ä Gelnejeňden kim gorkýar,
Ýaman etse ýene öýe salmaz-da.

***

-Eşegiň-ä ýorga eken ,bir nas al,
Gökläli gök ýere gaçýanam bolsa.
-Wah, sakgaldaş kädim öýde galypdyr,
Nas-a ýok şu eşek uçýanam bolsa.

***

-Goňşy ,gutly bolsun alan maşynyň,
Tekerleri tigirlensin ýer bilen.
-Sag bol, gelibergin unaş içmäge
Tä çykýançak aşagyndan bergileň.

***

-Ýitiren zynjyrňy soraýan weli,
Gözüň-ä seň agyl bilen dölede.
-Wah , şol ýiten zynjyrmyň ujunda
Bolmaly bakylan, semiz göle-de.

***

-Ketekden ýumurtga almasyn ogluň,
Tabşyr goňşy , çal dulugna bolmasa.
-Habarym bar, gaty betdir Berdilim,
Kaýyl bolaý towuklaňňy almasa.

***

-Gawunma giripdir eşegiň goňşy,
Awundyryn, daňjak bolsaň daň indi.
-A how , giren bolsa kowup göýbärler,
Boljakmy sen eşek bilen deň indi.

***

-Keselhana adam bary üýşüpdir,
Känmidi oň garyndaşy , ýeňňesi ?

-Ondan dosty , garydaşy bizar-la,
Algydarlar bu duranlaň hemmesi.

***

Zol ýoluna janly aýdyp bu daýy,
Para bilen yrjak bolýar Hudaýy.

## OGLUMYŇ DOSTLARY

Bir-iki däl, kän oglumyň dostlary,
Ählisi ýaş,
baram dogumly olaň.
Hemmesem uruşdan , açlyk-horlukdan
Tas çärýek asyr soň doguldy olaň.

Magnitafon aldygyna gygyrýar,
Gagşap dur penjire gorkup gowurdan.
Ýurt parahat ,
oba göçdi dost üçin
Baş alynyp, baş berilýän döwürden.

Otyr üýşüp deň-duşlary oglumyň,
Kän olar,
bilemok onmy , altymy .
Dost tanamak aňsat däldir,
simaba
Taşlap tanar ýaly misdir altyny.

# OGLUMYŇ ERTEKILERI

Ertekili kitaplary okamda,
Göz öňüne gelýär öz tanyş ýerlem.
Öz tanaýan gyzlaryma meňzedýän
Hyýaly keşbini nätanyş perileň.
Jeňňel, derýa, çarbagam bar bu ýerde,
Döşi gapak ýaly ýigitlerem bar,
Ýöne olaň uruş –dawa gyrjyny.
Şonuň üçin duldan asyp goýupdyr,
Olar ata-babalarynyň gyljyny.
Galdy köne kitaplaryň gatynda,
Hanlar ,
            patyşalar ,
                          ýekegöz döwler.
Diýýär ertekiçil, arzuwçyl oglum:
 “Hany, kaka, gamyşgulak bedewler ?!”

## Ojak

Gabat geldim sährada men
Garalyp ýatan ojaga.
Ony ot basyp gidipdir,
Meňzäp ýatyr oýujaga.

Beýle tämiz , arassa ýer
Selçeň girýändir düýşe-de.
Ýok süňk-saňkyň galyndysy,
Görnenok boşan çüýşe-de.

Bir gujak odundan başga,
Daýhanmy, şahyrmy, alym ?!
Bar bu ýerde aýagyzy
Ne erkegiň , ne aýalyň.

Kim bolsa-da , mähribandyr
Ol öz uýam ,agam ýaly.
Päkizeläp gidipdir ol,
Geljegimi aňan ýaly.

## ÖRÄN TANGYR

Örän tangyr eli paltaly ajal,
Gözläp arasyndan şunça mähelläň,
Öz gerekli adamsyny tapýar ol.
Hem ömrüň tanapyn sen entek çözläp
Gutarmankaň , çapýar ol.

# ORTA ÝOLUŇ AÝDYMY

Äkit köneje gaýygym,
Äkit ýaşyl ada meni !
Belki , ol ýer asudadyr,
Bilýäň-ä men ýadanymy.

Oturaýyn ot ýakynyp,
Ýalňyz çynaryň astynda.
Senem dynjyň al,
                    çägesöw,
Çola kenary ýassan-da.

Geçenleri ýatlaly,
                    dem
Alyp uly-ulydan biz.
Ýadymyzda saklanmyzdan
Kändir belki , unudanmyz.

Äkit köneje gaýygym,
Äkit meni ýaşyl ada.
Indi men çaga meňzämok,
Meňzämok men ýaşula-da.

Sen sallançak ýa tabyt däl,
Yrap, üwräp doýma-da sen,
Äkit, eziz gaýgym, meni
Orta ýolda goýma-da sen !

# Özüme

Köşeş, Atajan, azajyk !
Belki , seň garaşyp ýören
Bagt guşuň başga bir ýerde
Gezip ýörendir azaşyp.
Sen ony gözläp tapmarsyň
Çyksaňam guşap biliňi.
Bagtly boljak bolsaň ,
                    ilki
Bagtly et başga birini.

# TÖWEKGELLIK

Baş goýmadym rahatlygyň göwsüne,
Ýogsam birçak saralardym , öçerdim.
Diýýär ejem: “Baýrak bar deý böwsene,
Esreýän derýadan urup geçerdiň.

Ses ýeterden daşda bolsaň,
görünmän
Kenarda gollarmy gerip galardym.
Alysdaky salgym bolup görünýän
Jeňňele siňenňi görüp galardym.

Çygrymdan çykanňy duýardym şonda,
Basmalardy bialaçlyk , gaýgy-gam.
Ylgaşlap , elewräp diýerdim şonda :
“Gereklaseň tapdyranok gaýygam.”

Ol howply günleri alyp bellige,
Agtarýar ömrümiň tutuş beýanyn.
Bilenok baş urman töwekgellige,
Ilhalar ogullaň ýetişmeýänin.

## GULAK GOÝ EZIZIM

Gulak goý, ezizim,
O günler irden
Daň agaryp başlanyny duýdugyň,
Eşdilip başlarmyş obaň çetinden
Mylaýym owazy dilli tüýdügiň.

Mal goşmaga çykan gyzlar duşuňdan
Gabaklaryn bir galdyrman ötermiş.
Şaýly tahýalaryň şelpejikleri
Ýyldyrap, buldurap öwsün atarmyş.

Ýigitler atlaryn ýakarmyş suwa
Küren obaň çetindäki çeşmeden.
Suw gelen gyz-gelinler küýzesin
Dolduryp gidermiň näz-kereşmeden.

Ogrugynmyş duşuşygy aşyklaň,
Hiç kim görenokmyş, bilenokmyşyn.
Özgeleň ýanynda hut öz gelniňem
Elinden tutmaklyk bolanokmyşyn.
Wah, läläm, başyňy döşüme goýup,
Irkiljiräp ýatyşyňy görýärkäm,
Nämüçin men döräp köne samany
Bu zatlary saňa gürrüň berýärikäm ?!

# Ýürek

Käte-käte sanjyp gidýär ýüregim,
Duýman durkam aljyradýar, gyssaýar.
Men durmuşdan diňe şatlyk gözledim,
Ýöne boldy köp halatda gussa ýar.

Diýdiler: “Barmagyn gynançly ýere,
Emeli ýüregi bolmaýar ýasap.
Seň ýüregiň jinnek ýaly derdi ýok,
Il-günüň derdini etmeseň hasap”.

# Kebelek

Jan jesetden çykdy kebelek bolup,
Gitdi gülli sähra ganat ýaýyp ol.
Git gül peri deý näzik, naýynjar
Ganatlarna daň kümşüni çaýyp ol.

Tutdy ony selme ýygýan oglanjyk
Düňderip asman deý mawy jamyny.
Göýber jigim, bir pahyryň jany ol,
Aljak bolma öň alynan janyny.

# KENARDA

Durun kenarynda, durlanan suwy
Tämiz aýna ýaly gök öwsen jaryň.
Balyjaklar suwdan towsuşyp çykýar
Bolup kümüş gyýny ýaly hanjaryň.

Demikdirji dünýä atylyp çykýan,
Balyjaklar bir göz gören ýalydy.
Suw perisi suw astynda olary
Oklap-gapyp, oýnap ýören ýalydy.

## KIMDIR BIRI...

Saklardy ol dürli-dürli guşlary,
Bardy onda totyguşam , bilbilem.
Gaýtalardy eýesiniň öwreden
Sözlerin , totyguş çalgyrt dil bilen.

Çagalaram ony synlap gaýdardy,
Käte çörek bererdiler owradyp.
Garagollaň bir-ä gidipdir oňa
Iki sany täze sözem öwredip.

Baran wagty işden gelen hojaýyn,
Paýlamaga alyp gelen azygyn,
Kapasada ýüzün sallap oturan
Totyguşy diýdi:
"Näme ýazygym ?"

## MAGTYMGULY

Mälim bu hakykat uludan kiçä,
Häzir beýik, öňem beýikdi şahyr.
Gün berilmeýärkä gylyçsyz kişä,
Goşgulary bilen eýikdi şahyr.

Bir-birinden örki üzülen halka,
Hanlaram duşmandy, şa-da duşmandy.
Bilýäs, arka durmak ezilen halka,
Hiç bir şahyra-da aňsat düşmändi.

Şahyr dargan ili ýygnap daşyna,
Baryny bir ýoldan ýöretmelidi.
Ýöne ilki bir saçagyň başyna
Ýygnajak gudraty döretmelidi.

Döredi ol gudrat, tapyldy ahyr,
Şeýdip dünýä indi ilkinji goşgy.
Garpyşdy aýdym-tyg, şa bilen şahyr,
Şygyrlaň gudraty sarsdyrdy köşgi.

Diňe öz nebsiniň guly bolanlar
Başaranok il derdine düşmäni.
Duşmanam uludyr uly bolanlaň,
Han bolmaz, şa bolmaz kiçiň duşmany.

Bakmaz şahyr ile ala göz bilen,
Syndyrylan umyda seýikdir şahyr.
Ýagşylygy gylyç däl-de söz bilen
Ündeýäni üçin beýikdir şahyr.

Iliň şatlygyny , iliň hasratyn
Öz şatlygy, öz hasraty saýdy ol.
Öz ene diliniň beýik gudratyn
Jar etdi jahana, dünýä ýaýdy ol.

## Ömür hakda

Bir ömürde gaty kän zat etse bor,
Etmeli işleňňi edip gutarsaň,
Bu dünýäden ahmyr etmän gitse bor.
Öz ömrüňi tutan bolsaň tygşytly,
Getirerdiň has kän peýda, haýyr sen.
Ýöne ömür çensiz gysgalaýýar-da,
Boş geçiren pursatlarňy aýyrsaň.

## SÄHRADAKY ÝALŇYZ AGAÇ

Meýdan giňiş, tep-tekiz hem ýalaňaç,
Ýatyr ol zat tapman üstün ýapara.
Görünýär alysdan bir ýalňyz agaç,
Çalym edip dur ol atly çapara.

Bar ýaly ol atyň ganaty-peri,
Hem ullakan ýaly gözden ýiterden.
Görünýär Ýer-gögüň sepleşýän ýeri,
Ýöne alysda ol ýöräp ýeterden.

Dogup gelýär ýüzi ýagşy niýetden
Dos-doly Gün çalym edip çelpege.
Togalanyp barýar gap-gara ketgen
Meňzäp gaçyp galan silkmetelpege.

Dur agaç, bilmänsoň atyndan düşüp
Ýaraly deý synlap dur çar ýany ol.
Şu mähriban toprak üçin söweşip,
Diri galan ýalňyz pälwan ýaly ol.

## ŞÜKÜR BAGŞY

Ýene dutar zaryn-zaryn iňleýär,
Gyýylyp agzala halkyň halyna.
Geldi Şükür, bu gün sazyn diňleýär,
Küren oba üýşüp onuň ýanyna.

Başyny galdyrman çalýardy Şükür,
Gelnejesem däldi bu gün nägile.
Ojagyň başynda edýär ol pikir:
"Belki , gazma dutar baş bolar ile.

Elleriňe güller bitsin ýüwürjim,
Görmesin il gyzyl ýüzüň solanny.
Ýok indi dünýäde armanym, ünjim,
Ikisi hem aman-esen dolandy".

Geldi Şükür , ýöne gelmedi ýeke,
Alyp geldi ýesir düşen agasyn.
Sarsman otyr düýnki , bibaş märeke,
Saz diňmese olar nädip dagasyn ?!

## SUWAGÇYLAR

*(Degişme)*

Berdiň: “Puşkin bilen Magtymgulynyň
Haýsy beýik” diýen tanyş sowaly.
Diýdim: “Dost, ýör hany , gilmalaňy al,
Kepbämiziň galan ýerin suwaly.

Ilki kepbämizi, soň aňymyzy
Düzedip, gireli ynsan keşbine.
Bu palçygmyz, düşüjämiz bilen biz
Sümülmäli akyldarlaň köşgüne !”

## SUWLY ÝAÝLAŇ SÄHERI

Ýaýyljyran suwly pelleň astynda
Tutaşdy, ot aldy çabyran şapak.
Ak çarlaklar elewreşip asmanda
Çalyşyp şapak,
Suwdan awun alyp bilmän eleňýär.
Hem eýmenýär ganat kakyp durmakdan.
Neneň eýmenmejek,
                                        suwda öçmeýän
Al-ýaşyl ýalyna özüň urmakdan.

# ÇÖREGE ÇALYMDAŞ MEÝDANLAR

## BAG

Bu bagda saýrardy guşlar
Dürli mukam çalardy-da.
Hasyl sowuldy, bag bolsa,
Galberdi çolardy-da.

Çykdy guşlaryň ýadyndan,
Baglaram, bagly howlam soň.
Kim halyňdan habar alsyn,
Gyş düşüp, miwäň sowlansoň.

# KÖNEÇIL

Oglum aýtmyşlaýyn köneçilmişim,
Geýinmekde galýamyşym modadan.
Biz tirkeşip sähra tarap barýarys,
Gumaksy hem torç edilen ýoddan.

Gidipdir bu ýodajygy keşdeläp,
Ýeke tar motorlaň, mallaň yzlary.
Görünýär gözüme bar yzdan yssy,
Ýodajykda galan nallaň yzlary

## GAMÇYNYŇ YZLARY

Ýatyr ýoda urgan ýaly işilip,
Çeýedi, berkdi ol tüýdüp üzerden.
Suw içmäge gelen dor baýtal ýaýa
Meňzeş başyn sallap çykdy güzerden.

Ýaýlaň depesinde çakýar ýyldyrym,
Tisgindirip selme ýygýan gyzlary.
Görnüp gidýär sagrysynda baýtalyň
Ýaş mahaly degen gamçyň yzlary...

# ALABAHAR

Aýran ysly küdäň üstüni örten,
Ýumşak duman ýüpek ýaly endirýär.
Ene pişik küdäň köwegne erten
Çagalarny ýalap-ýalap emdirýär.

Ýaňy örüp salan nagşy gök olaň
Ýapylary oýmur-oýmur edipdir.
Bal arylar almalaryň gabakman,
Nepis güllerini meýmiredipdir.

Ysgap küdäň aýran ysyn gönendik,
Gök otam ysgaňda ünjä batylýar.
Göýä geçen güýzden galan gönezlik
Bu baharyň ak süýdüne gatylýar.

# Bahar

Böreň-böreň bolan ýagyş suwlary
Salmalardan akyp barýar şaglaşyp.
Kiparlan ýagyşyň ýaşyl çyglary
Nowçalan erikden damýar şabraşyp.

Mawy köle tarap ylgaşlap barýar
Ak bulutdan gaýyp düşýän kölgeler.
Lowurdaýar altyn çaýylan ýaly
Penjireler, külbeler.

Işe barýan gyzlar mylaýymsyrap,
Syrly ýylgyryşýar habar gatdygyň.
Taba gelen toprak ýatyr tebsiräp,
Ýarjak parsyldadyp, tohum atdygyň

## ARMANYŇ ÝOK

Sütük deý hoş ýakýar sähra şemaly,
Öňküsinden uzan ýaly ädimiň.
Ak guşlaň otlukdan galyşy ýaly,
Duman galýar aşagyndan ädigiň.

Öňki tanyş keşbi ýadynda ýeriň,
Al gülleri synlap oňýaň, ýolaňok.
Şeýle bir göçgünli hyýalkeş seriň,
Düýşüňmi, huşuňmy, bilip bolanok.

Kaýyllykdyr bar geregiň aslynda,
Armanyň ýok şu bplşuňa goýsalar.
Ýöne ýatyr aýaklaryň astynda,
Zar kalbyňy maýyl eden maýsalar.

## KÖMELEKLI MEÝDAN

Artyp barýar ýumşan howaň ýakymy,
Ýazyň golaýlany duýlup başlady.
Ýeňil maşynlaryň demir akymy
Sährаň gök deňzine guýlup başlady.

Getiripdir söhra atyrlaň ysyn
Hem şäheriň ysyn ap-ak gelinler.
Kömelekli meýdan dörüler indi
Uzynly gün lowllar durar selinler.

Ýakan otlaryny öçürmän olar
Saýlansoň bu ýerden garalaryny,
Ýaz şemaly ýalap bitirjek bolar
Sähraň awap duran ýaralaryny...

## Ýalňyz güljagaz

Kän ýyl bolan eken bilimi guşap
Çykmanyma bu meýdana çalgyly.
Ýüzüp barýan gök otlukdan, ülpüldäp,
Otyr ýoluň gyrasynda çöl güli.

Saýgarmak kyn ýodalaram, ýollaram,
Bu ýyl oty, kömelegi bol maýyň.
Otur ülpülde-de, ýalňyz güljagaz,
Otur, otur, seni men bir ýolmaýyn...

## MAÝSALY MEÝDAN

Gideli biz paý-pyýada, gör öňde
Maýsaly meýdanlar ýatyr owsunyp.
Gök maýsalaň çyrpynşyny göreňde,
Atygsan ýüregiň gidýär gobsunyp.

Duýgularmyz maýsa ýaly ter, goýy.
Giňän ýaly gursk gülnüp, aglanyp.
Pel-pelläp dur gökde sähra torgaýy,
Goýlan ýaly örki sähra baglanyp.

Ýat, ýadasaň, gök sypaly ýassan-da,
Arzuwyňdy seniň bu ömür boýy.
Bagtly menem, gök maýsalaň üstünde
Pel-pelläp dur öz söhramyň torgaýy.

# Göz öňümde

Ýatsam-tursam göz öňümden gidenok,
Ap-ak penjelerin açyp güllän,
Äpet-äpet almalaryň astynda
Ýegşerip oturşy pessejik külbäň.

Göz öňümde, durdy göge gezelip,
Ot daşalýan arabalaň arşy-da.
Ýadymda, jaňly hem yzy owlakly
Garry geçileriň mäläp barş-da.

## BUGDAÝLY MEÝDANDA

Başyňdadyr gaýgy- gussa başgaň,
Ýa bir dostuň toýun toýlar gidersiň.
Hem tomsuň başynda saralyp başlan
Bugdaýly düzleri boýlar gidersiň.

Lowurdar depäňde torgaýly asman,
Gidersiň üstünden berçigen çiliň.
Gidersiň sen ýeke dänänem basman,
Görejiň deý gorap yrsgalyn iliň.

Sumat bolar kalbyňdaky gaýgy-gam
Arzuwlaň gujagna özüň oklarsyň.
Hem mele tötek deý ýüzi gaýzygan
Daýhana içiňden alkyş okarsyň.

# BAKJALYKDA

Towlanjyrap ýanýar ojar ojakda,
Ýanýar bolup burum- burum kak ýaly.
Sojap ýatyr ýatan jar golaýjykda,
Eşidilip dur onuň şürläp akýany.

Ýaýyljyrap ýatyr bakjaly meýdan,
Ýetýär onuň çeti gara baglyga.
Ýaňy dilnen gawunlaryň düzümi
Çalym edişip dur kakan balyga.

Jaryň boýundaky güllän ýandaklar
Güwläp otyr arylary örüzip.
Teläriň üstünde towlanan kaklar
Goýulypdyr sebet ýaly örülip.

Ynha, gawun,
Ynha egdi,
 kes-de dil,
Gör pitikläp garpyzlaryň böwrüne.
Bakjalyga gelsem, bolýan men edil
Gelen ýaly öz çagalyk döwrüme.

## GÜÝZ PEÝZAŽY

Bu tutly hem gür hyşaly mekany
Ýalap, güýz şemaly öwsüp başlady.
Torgaýlaryň nala meňzeş mukamy
Ene ýabyň suwun egsip başlady.

Bir del duýgy köwsarlaýar kalbymda,
Gelýär häzir aglap- eňräp joşasym.
Çybyga düzülen balyklar bolsa,
Ýatladyp dur üzümleriň hoşasyn.

Aýlap ýör olary tutan çagalar
Dözmeýän deý öldürmäge, satmaga.
Torgaý bols dur asmanda pel-pelläp,
Gizlin ýer tapmansoň özün atmaga...

## GÜÝZ ETÝUDY

Saralan ýapraklar leýs bolup ýatyr
Üstün örtüp aýmançalaň, ýodalaň.
Näbelet ýolagçy ýoluny ýitir,
Kesilse gatnawy bu pyýadalaň.

Bir agaçlar sojap dem aldy birden,
ýagýar ýaprak uçganaklap gar ýaly.
Ýöräsiň gelenok ýaprakly ýerden,
Basyljak ýapraklaň jany bar ýaly.

# ÝALŇYZ NAR

Täsin zat ýok, arasynda baldaklaň
Göze ilmän galan ýalňyz nar ýaly.
Galypdyr ol, birçak eňňere bolan,
Çola bagda gizlin eşret bar ýaly.

Garaşyp durdy ol şindem agaçlaň
Ýapraklaryn  ýorgan deýin ýazarna.
Göreçlerne täsin şatlyk çaýar ol,
Ilse bir ötegçiň gamgyn nazarna.

## GÜÝZÜŇ SOŇY

Gowaçaň gyzgylt çybygy
Ýatladýar durnaň aýagyn.
Noýabr seýär çygyny,
Ýagyp dur gün yrman ýagyn.

Ýaradar hanasy pelleň,
Gatyşyp ýatyr gyrawa.
Degdigi awaýar elleň
Galtaşan ýaly gylawa.

Gyrawlan bolsa-da pagta,
Daýhan ony hökman alar.
Meňzeş giç açlan bagta,
Bu çürşen ap-ak hanalar.

# BULUT

Deňizden göterlen bölejik bulut
Tüýdülen pamyk deý gaýyp ýör indi.
Durnaň gözi ýaly dury asmanda
Ak guw ýaly ganat ýaýyp ýör indi.

Men syn edip durun bigam buludyň
Sozuljyrap, gökde edýän oýnuna.
Gaýyp ýör ol,
gaýdyp dolmajak ýaly
Bu deňziň hem gara ýeriň goýnuna.

## DERÝALAR

Derýalaryň öz akmaly ugry bar,
Olar beýik dagdan alyp gözbaşyn
Gaýdar-da, guýular deňze ýa köle.
Men bilýän bu düzgün könedir ýöne
Niçik bolar bagta barýan durmuşda
Derýa kölden çykyp, daga dyrmaşsa?!

# POEMALAR

## Basgançak

### *1.Sallançak*

Buşluk !
Buşluk !
Seniň doglanyň buşlap ,
Gubar baglan penjirämi kakdylar.
Eýe bol adyňa şu günden başlap,
Atlaň iň oňadyn saýlap dakdylar.

Irmän maýatnik deý baryp gelmeden
Sallançak yranýar öýüň böwründe.
Hallanlar ol,
 şu gün,
 ertir,
 elmydam,
Hallanlaýşy ýaly atam döwründe,
Hallanlar durar ol,
Parhy ýok oňa,
Atam döwrümi,
Atom döwrümi.

Onuň iki ýana gatnap durmaly
Ýeketäk ýoly bar, başga ýoly ýok.
Ol dynçlyga tarap gadam urmaly,
Ýöne dynçlyk oň ýoluny ýolanok.

Yranyp dur,
Yralyp dur sallançak,
Berjaý edip ähli emriňi seniň.

Ölçär ol ömrüňi ýola salýançak,
A soň sagat ölçär ömrüňi seniň.

### *2.Geçmişe syýahat*

Ýol uzak,
Oň başy juda alysda,
Çagalykda Akpamykdan başlanan,
Ýollar meni eltip taşlan ekeni
Arzuwlarna, ykballarna başgalaň.

Söýdüm kinodaky hindi gyzlaryn,
“Heläkçilik” çekdim suwlaň gomunda.
Dile degen öl barmagyň yzlaryn
Goýup gitdim Tolstoýyň tomunda.

Çalajan ýylany ýorgana salyp,
Geklberri bolup çakdyrdym Jimmi.
Ölmedi , dört günden gitdi ol galyp,
Gek bilen bir salda akdyrdym Jimmi.

Ökünip Gek boldum,
Çürkenibem Jim,
Bu dünýäde soň çalajan ýylany
Hiç kimiň ýorganna salmazym üçin.

Heniz ýaşalmadyk adalar gözläp,
Äpet şara münüp aýlandym gökde.
Jýul Werniň hyýal ýodasyn çözläp,
Ýaşadym yns-jynssyz , gizlin gowakda.

Lupadan ot alyp, ýylanyp gije
Çykardym ahyry aýdyň netije:
Bir öz derdim bilen bolup başagaý
Çeken jebirlermiň hem-de bu çeken
Ezýetlermiň ahyr-soňy puç eken.

Bu Gün lowlar durar, baky ýaşmaýar.
Giňişligiň gadry başga dar ýerde.
Asyl adam adam üçin ýaşaýar
Eken gökde, ýerde , suwda , bar ýerde.

Iki ýana uzap ýatyr bu ýollar,
Her haýsy bir nesliň şatlygy ,derdi.
Üç ýoluň birinden gitmeli bolsa,
Hemra ýene öňki ýoldan giderdi.

Islän ýoluň saýlamaga hakly sen,
Ýetýär maksadyna jebre döz gelen.
Men bermerin, paýhas bilen akly sen
Ykbalyndan gözlemeli özgeleň.

### *3.Çörek hem Watan  hakynda*

Asman hereketli,
Ýer hereketli,
Okean hereketli,
Per hereketli.
Relsde , perlerde ýagyň yzy bar,
Bar ýerde, bar ýerde ýagyň ysy bar.

Bizem ýag ysyna eýledik seni,
Garşyladyk çapadyly, pişmeli.
Ilki çöregiň hem ýagyň ysyny
Alyp , bilip, soňra ýola düşmeli.

Bir döwüm çöregi suw bilen iý sen,
Meňzin düzet,
Menzil uzat,
                daş örän.
Suwa batan gara çöregiň ysam
Topragyň ysyna çalymdaş örän.

Ho-ol asmanda gaýyp ýören ýapraga
Meňzeş bulut zawutýagyň ýokumy ?!
Meňzeşligi üçin gara topraga
Artykmyka gara nanyň ýokumy ?!

Parhy ýok, ujundan bir döwüm al-da,
Baş eg bu topraga bol nany üçin.
Belki, gara toprak ýakyndyr kalba,
Gara günümizde goldany üçin.

Synla-da bu uç-gyraksyz gallany,

Kyn günde goldany çykarma ýatdan.
Bu uly Watanda beýik kada bar:
Munda uly-kiçi , ýakyn deň, ýat deň.

Bir Watanyň girelgesi , ötügi,
Bölünenok maksat, namys-ar munda.
Barymyzda bir deň, äpet , bütewi
Adam diýen bir düşünje bar munda.

Ataň watan goramany öwrendi
Garap simlän ýaralara, tözlere.
Süňke meňzeş berýozalar öwrüldi
Agaç aýaklara, protezlara.

Başlanan ýerine ýetip aýaklan
Şer iş bilen Haýyr işiň urşuny
Kim bilenok ?
Gördük aýak agaçlaň
Adam synasyna meňzäp durşuny.

Dur jaýlaň burçunda , ony aýyrman,
Otyryp, ynjalyp , çaýlap bolanok.
Bir gün esger ölýär , arman oň bilen
Agaç aýaklaryn jaýlap bolanok.

Karta seret, oň al öwrsen durşuny
Oýlandyrsyn,
                    buýsandyrsyn,
                                        gynansyn.
Görmän , göz öňüne getir urşuny,
Synla-da adamlaň agaç synasyn.

### *4.Paýhas hem ýönekeýlik*

Meňzi dury bu nurana säherleň,
Münderlenip barýar jaýlaň gatlary.
Tisgindirýär zenzelesi şäherleň
Uzak sähradaky bedew atlary.

Barybir çagalar arkaýyn uklar
Ojagnyň başynda gara öýleriň.
Juda çalymdaş bu garalan uklar

Birçak çözen integralna Eýleriň.

Ýönekeýdir öýdüp ýapyşýas oňa,
Gözleň ümezleýär, beýniň agyrýar.
Bir günlük iş olaň bir gaty diňe,
Dört gatdan çykýançaň süňňüň agarýar.

Şäherde öz öýüň tapar ýaly däl,
Obada-da kowçum-kowçum öýlük ýok.
Eger geçmiş bolsa Eýler, Tolstoý,
Geçmişde-de ýöntem ýönekeýlik ýok.

Dahylsyzdyr düşünjämiz ,ýadymyz
Boýdaş hem deň bolup görünýänmize.
Öz düşünen çylşyrymly zadymyz
Soň ýönekeý bolup görünýär bize.

Jemleseň seriňde halkyň paýhasyn
Otdan, suwdan geçer durman nazaryň
Ýönekeýje bolsa akyl-paýhasy
Aňk etmezdi bizi Gurbannazaram.

### *5.Basgançak*

Aýak biten arzuwynda ylgamaň,
Taplaýar dabana biten tikenler.
Ýerde toplanypdy Jomolungamaň
Depesinde daşdan sütün dikenler.

Ynanýan topraga özgäň dabany
Hem aýagy bilen basmajagyňa.
Taparsyň-da bir gün abyn-tabyny
Çykarsyň ilkinji basgançagyňa.

Gidersiň soň oýun-gülkä garaşyp,
Bilmersiň sen gaýgy-gussa çekmegi.
Arzuw edinersiň oýnap-ýaryşyp,
Ýeňijileň basgançagna çykmagy.

Dost bilen paýlaşyp döwüm nanyňy,
Goltgy, kömek berip asgynjaňa sen,
Duýup özüň üçin dogulmanyňy

Çykarsyň täze bir basgançaga sen.

### *6.Şu gün hem elmydam*

Şeýle bir oňatlyk , galýas belende,
Ýerde däl , asmanda ýaşaljak basym.
Ho-ol jaýlaryň çür başyna galaňda
Zemine seredip , aýlanýar başyň.

Gözüň gidýär ony galdyran ussa,
Gal-da göge al-asmanda gereklen.
Özüne çalymdaş, çalymtyk tüssä
Gözi gidýär syrdam boýly derekleň.

Barybir gerek zat goralar mydam,
Bulwardaky syrdam arça çapylmaz.
Ýitjek zat hakynda ýazylan zadam
Oklanar bir ýana, okan tapylmaz.

Sähra tarap uzap barýar turbalar,
Durna sesli “K-700” saýraýar.

Güýji , aladasy, owazy bilen
Döwür bizi sadalykdan saýlaýar.

Baharda gök öwser , güllär bu zemin,
Ol güýzde ýene-de ýalaňaçlanar.
Barybir ömürler öňküsi kimin
Sallançakdan, ak gundagdan başlanar.

Ak mata – çagalaň arlygy üçin,
Gerek ol Gün soňky gezek öpende.
Dünýäde gundaglaň barlygy üçin,
Ynsan ömri gutaranok kepende.

Ýagyş ýagar, üçekleriň üstünde
Damjalar towsaklap edişer oýun.
Güwlär suwdan doly, uzyn turbalar
Ölçäp göge ýetýän binalaň boýun.

Sen ýokardan sil suwlaryň güwleýşin,
Almalaň gülleýşin synlarsyň,

hatda
Özün görmeseňem, gyzlaň gülküsi
Şo-ol ýaňlanar durar ýokarky gatda.

Çünki, asly ýerden dörän adamyň
Belentlikden belentlikde hyýaly.
Guşlaram belende galyp bilenok
Adamyň  belende galyşy ýaly.

Ol hyrçyn dişleýär görüp,
solmaýan
Ýyldyzlaryň alysdaky oduny.
Ýaşaýar ol şindi mälim bolmadyk
Onunjy planeta dakyp adyny.

Egninde ýük bolsun,
asmanda ýüzüň,
Ýüklülikden agyr egni ýüksüzlik.
Asmana uzaýar ýolumyz biziň,
Oň ölçegi bolsa- tükeniksizlik.

# Halyçy

Bozup ukusyny aladaňdanyň,
Sarsdyryp daşlaryň dymyşlygyny,
Debsiläp jülgeleň gamyşlygyny,
Topar atly girdi çetinden obaň.
Buýruk:
Bir adamam sypdyrmaň !
Gabaň !

Niçiksi ýagy siz, bimahal gelen ?!
Niçiksi ajal siz, bu mahal gelen ?!
Işginde oraçalaň, kepbeleň,
Baglandy gojalaň, naçarlaň elem,
Baglandy ejeleň, bar ärleň elem,
Eger hasrat üçin elenýän bolsaň,
Elen toprak ,
Elen.

Eger gözýaş bilen gark bolýan bolsaň,
Dymyp ýatma toprak !
Eglenmän gark bol !
Eger oda ýanyp , berk bolýan bolsa,
Gowrul,
Daşa öwrül,
Daşdanam berk bol !
Eger-de gazapdan ýarylýan bolsaň,
Ýuwut meni, bol basym, ýaryl sen ,ýaryl.
Eşitmesin ýar ýaryň
Dost dostuň zaryn.

Ýeri , bu toprakda näme günä bar ?
Günem dogup gelýär,
Ýagty gün-ä bar.
Günem abat,
Senem abat topragym,
Meniň bolsa bu gün ýagty dünýäm dar.

Men ýesir , şoň üçin ýagty dünýäm dar.
Yzda küren obam burugsap galdy,

Şirläp akýan çeşme , akar ýap galdy,
Galdy elwan gülli çemenzarlyklar,
Baýdak deý pasyrdap galdy arlyklar,
Obadaşlam aglap hem garap galdy.

***

Uzak ýoly söküp gelen atlylar,
Niçik syryňyz bar, ediň siz aýan.

Şunça ýoldan gelip,
Ýat ilden gelip,
Alyp barýanyňyz bir garry aýal.
Göz üçinmi ?
Söz üçinmi ?
Nämüçin ?
Niçiksi talaň bu , niçiksi hyýal ?!

...Saralgy ellerin silteýär al at,
Entirekläp barýan garry halyçyň.
Ýalaňaç dabanyn sypaýar öl ot,
Sandyraklap barýan garry halyçyň.

Barýan atlylaryň bolsa bary sem.
Halyçy oýlanýar :
“Sogrul, eý ellem !
Üzül, bu zatlaryň sebäpkäri sen.

Indi meni halas etjek diňe sen,
Halas et sen,
Halas et sen, üzül-de.
Alyp gitme ýat illere sen meni,
Läşim lagşap galsyn türkmen düzünde.”

Ýaş syrygýar kütelişen gözlerden,
Torgaýlaň agysy gelýär düzlerden.
Nälet saňa ellem,
Ömürlik nälet,
Berk ekeniň döwülerden , üzlerden.

***

Eltdiler garryny alnyna Şanyň.

Şa diýdi:
 “Gel garry otur gaşymda”...
Nökerler oýlanýar : “Erejek wagty
Bar eken-ow bu doň, gara daşyň-da,
Bu doňňaradaşyňda”.

Diýdi Şa:
-Aýt garry näme isleseň,
 “Pul” diýseňem, “jul” diýseňem tapylar.
 “Bal” diýseňem, “gül” diýseňem tapylar.
Seniň üçin bu giň köşki-eýwanda
Açyk ähli ýollar, ähli gapylar.

Näme iýseň , näme geýseň tapylar.
Pulmy ? Bar-da hazynadan  sanap al.
Öwret ýöne sungatyňy sen bize,
Gyz-gelin kän,

 Näçe gerek ?
Saýlap al.

Seň halyň beýgeltsin meň şöhratymy,
Äleme jar etsin meniň adymy.
Nepis haly türkmenlerde ýaşaman.
Goý bizde ýaşasyn,
Başarsaň şuny
Horluk görmez il-ulusyň , neberäň.

Başga zat barada pikir etme sen,
Işle öz günüňe şükür et-de sen.
Özüňe nämäniň garaşýanyny
Bilýänsiň sen buýranymy etmeseň.

***

Aý geçdi, ýetişdi ilkinji haly,
Ýyl geçdi, ýetişdi onkinji haly.
Synladylar, sypadylar, gördüler
Ak öýlerde,
Hem toýlarda gerdiler.
Müňläp jemendeli ak bazarlarda
Agramyna altyn çekip berdiler.
Synlan diýdi:
 “Däl bu ýönekeý haly,

Bu tüýs türkmen düzi,
Sährasy ýaly...”

Hiç kim Şa barada gürrüň etmedi.
Diňe soradylar dokan aýaly.
Baha beren haly hakda gepledi:
“Bu haly tüýs haly,
Iň nepis haly,
Edil türkmen düzi,
Sährasy ýaly”.

Elden-ele geçip,
Deňizden geçip,
Haly çölden geçip,
Hem düzden geçip,
Gitdi uçup,
Giň äleme nur saçyp.
Hyrydarlar aldy ony pul seçip,
Diýdiler:
“Bu bir tüýs haly-da , haly,
Türkmen zenanlarnyň ýüregi ýaly”.

***

Iki ýana zowuldaýar zalym Şa,
Öçürip bilmänsoň ýüregniň odun.
Gaçyryp bilmänsoň gazabyn ,badyn.
Oýlanýar : “Nämüçin wasp etmez meni
Şunça pul sarp edip döreden zadym.

Düşünemok,
Ýeri, ýeri nämüçin
Artýar diňe şol kempiriň şöhraty.
Ähli ýerde,
Bar dillerde öwülýän
Şol melgunyň ady, diňe şoň ady
Meniň emrim bilen çitilen göller
Nämüçin wasp edýär türkmen sährasyn.
Nämüçin halylar beýik Şanyň däl ,
Meşhur etdi bir ykmandaň şöhratyn ?
Nälet saňa haly, müň ýola nälet,

Nälet saňa , nälet, jadygöý hatyn !”

***

Ene ömür berýär öz perzendine,
Şahyr berýär öz ömrüni bendine.
Synlap suratkeşiň çeken suratyn
Görýäs onuň öz paýhasyn ,syratyn.
Ýa-da seýis bolsaň , seýisläp atyň
Ölçeýändir seniň ömür gymmatyň,
Şunuň ýaly kanuny bar sungatyň.

Saňa derek jogap berýär eseriň
Seniň öz geljegiň, ykbalyň üçin.
Astyndan çykansoň synnyň, keseriň,
Sen dokan halyçyň geljekki ömri,
Hem oň ýüreginiň ajap haly sen,
Haly ,sen.

Gözleň nury siňen,
Şöhlesi siňen,
Naçarlaň deň-taýsyz
Paýhasy bilen,
Täk özüne meňzäp bu dünýä gelen
Haly sen.

Şelpeleriň sesi bilen oýanyp,
Erişleriň arasynda goýalyp,
Günüň ýedi şöhlesine boýalyp,
Dörän bu dünýäniň gül jemaly sen,
Haly sen.

Ir säherde Günüň doguşyn synlap,
Gädim-gemrik Aýyň doluşyn synlap,
Gyşyň garyn, ýazyň ýagyşyn synlap,
Bolsa-da ol mahal gözýaşlar simap,
Şol garry halyçyň geçen ýoly sen,
Hem ýat ile taşlan keç ykbaly sen,
Haly sen

Dünýä gelip şapak deýin ýaşmak kyn,
Naçar bolup, ýat illere düşmek kyn,
Abananda sere ajal, gorky- üýn,
Diňe bu dünýäde ýaşamak üçin
Dörän soňky umyt-hyýal ýaly sen,
Haly sen.

Erişinde at aýagy ses eden,
Şöhratparaz , zalymlary pes eden,
Bu dünýäde haýran saňa eseden,
Türkmen zenanlarnyň ýagşy päli sen,
Söýgüsi , arzuwy, oý-hyýaly sen,
Haly sen.

## ŞAHSY GÜNDELIGINDEN...

*Çagalara diňe mähir-mylakatly bolmagy öwretmek gerek. Birehimligi hem yzgytsyzlygy olara durmuşyň özi öwreder.*
****
*Tüýdük – bişeýtan gural. Tüýdügiň mukamyna bişeýtan mukam diýilyär. Sebäbi tüýdük çalnanda göz-gaşyňy oýnadyp, oýun edip bolanok.*
****
*Dost bolmajak adamy dost tutunyp bolanok. Iň gowsy iş salyşmazlyk.*
****
*1) Ruhuň galkynmagy üçin bir zadyň çap edilmegi ýa-da bir hoş habaryň gelmegi zerur.*
*2) Adamyň eden işlerini hem ruhy ahwalatlaryny beýan etmek üçin gündelik gerek. Ýöne çeper eser däldigi üçin gündeligi çap etmezler. Ol her kimiň özi üçin gerek. Öz eden işleriň dogrulygyna, ýalňyşlygyna göz ýetirmek gerek.*
****
*Güýji aýamaly. Bor-bolgusyz zatlara sarp etmeli däl.*
****
*Her bir kynçylykly günlerde-de şatlanara zat bar eken.*
****
*... Ol "Dagdanagaç", "Ulumsy gyz" diýen goşgularymy ýat tutaýypdyr. Bu begendirýär hem öz şahyrlygyma bolan ynamy artdyrýar. Şeýle ykbally şahyr az. Men lirizme ýugrulan, berk rifmaly hem öwrümlije ýönekeýligiň arzuwynda. Munuň üçin örän kän hem çynyň bilen işlemeli. Öz lirikam bilen ýaşasym gelýär.*
****
*Düýn Lew Tolstoýyň çagalar üçin ýazan hekaýajyklaryny okadym. "Bürgüt", "Akula", "Garlawaç" hem "Towşanjyklar". Muny Lew Tolstoý öz açan mekdebinde okaýan çagajyklara okatmak üçin ýazypdyr. Şeýle hekaýajyklary ýazyp bolsa, nähili gowy bolardy.*
****
*Eliň boş bolany bilen hem okap, ýazyp ýatmaly däl oguşýa. Ynha, doredijilik diýen zadyň hupbatly ýeri şu.*
****
*Düşünişmezligiň esasy sebäbi, bir adamy gyzyklandyrýan zat beýlekisini gyzyklandyranok.*
****
*1)Goşgy ýazmak ýaşyň gaýdyşansoň, has kynlaşýar. Iň ýaman ýeri hem oturyp ýazaýyn diýen wagtyň ýazyp bolanok.*
*2) Şahyr her näçe jan çekse-de, özünden daşlaşyp bilenok eken.*
*3) Goşgyny hemme kişi ýazýar. Ýaman ýeri hem şol ýazýan zadyny goşgudyr öýdýärler.*

*****

*Edebiýatda oňat terjimeçä duşaýmagam oňat goşga duşandan aňsat däl.*

*****

*1) Şahyryň modadan galmagy biçak ýakymsyz. Bu näme üçin beýle bolýarka? Öň modada däl bolaýmasyn? Şahyr zor bilen ýa-da şerraýlyk bilen özüni ykrar etdirýär. Şahyr däldigi bilnen güni bolsa, modadan gaçandyr öýdýärler.*

*2) Samsyk pikirler hemme kişide bar, ýöne akylly adamlar olary aýtmaýarlar.*

*****

*Halal ýaşaýan, kalby arassa adam maksadyna ýetýän bolsa, menem ýetmeli.*

*****

*Näme iş etdirjek bolsaň, nyrhyny öňünden gürleş. Ýogsam, utulýarsyň.*

*****

*Kalbyňy nadyllykdan arassalamaly. Nadyllygyň sebäbi düşnükli. Ýöne onuň sebäbini ýok edip boljak däl. Diýmek, özüňi kaýyl etmek gerek. Bu bolsa, aňsat iş däldir.*

*****

*Bir zady ýazaňsoň, okap hezil etmeli.*

*****

*Ýigrenilseň hem çykylsa kasdyňa,*
*Taparlar girseňem ýeriň astyna.*

*****

*Göwne degilmeler, kemsidilmeler, azabyň reýgan bolmagy sebäpli, gör, näçe adamlar ýogalyp gitdi. Ýöne entek muny duýanoklar. Ajaly ýetendir öýdýärler. Ýok, beýle däl.*

*****

*Ýaşlygyň bilen baglanşykly ýerlere baryp, ýaşlygyňy taparyn öýdýärsiň. Emma, barybir, gamgyn ýatlamalardan başga tapjak zadyň ýok.*

*****

*Akylly adama göwünlik bermek kyn. Berýärler. Ýöne olaryň aýdýanlaryna ol parhsyz garaýar.*

*****

*Ýogalan galamdaşlaryň suratlaryny synlamak, eserlerini okamak agyr gussa batyrýar.*

*****

*Çem gelen bilen sanaşyp otursaň, goşgy ýazyp bolanok eken.*

*****

*Käte şeýle bolýar: Diýmeli zat belli-de, diýip bolanok.*

*****

*Haýran galýaryn: Işlämde nerwim rahatlanýar eken. Ownuk-uşak öýke- kineler aýrylýar. Dünýäni, hatda wagtyň geçýänini hem unudýan. Azajyk ýaşan ýaly bolup durmagymyň sebäbi hem şol bolsa gerek.*

*****

*Goşgyny Hudaý berýär. Ýazdyrýar. Eger şeýle bolmasa, oturagetdin, ähli ýazjagymy bir günde ýazardym.*

*****

*Goşgyň akýan wagty ara kän wagt salmaly däl. Aýlaň-çaýlaň edip gelmeli-de, dowam etdirmeli.*

*****

*Uzynyrak goşgulary ýazyp bilemok. Kynlygy üçin däl. Guraksy bolýar.*

*****

*Şahyryň keýpini bozmak günädir.*

*****

*Döredijilik hakda. Edil bag ýaly onuň hem gülleýän wagty bolýar. Gowy zat döretmek üçin uzak ýaşamak hökman däl. Muňa näçe diýseň mysal getirmek bolar.*

*Gün-güzeran döredijiligiň ýoguna ýanýar. Şonuň üçin ýetde-kütde durmuşa kaýyl bolmaly. Ýaş şahyrlaryň köpüsi muňa kaýyl bolanok-da, oňat ýaşajak bolup, hars urýar. Hut şol sebäpli hem ýa-ha ýaş şahyrlygyna galýar, ýa-da ýitip gidýär.*

*****

*Adam garradygyça öýkelek bolýar. Sebäbi ol ýaş mahaly imrigen, gyzyklanan zatlarynyň köpüsinden mahrum bolýar. Göwün açyşýan dost-ýarlaryndan aýrylýar. Mähir gytçylygy döreýär. Şol gytçylygyň öwezini onuň ýakyn adamlary: ogul-gyzlary, gelinleri hem agtyk-çowluklary doldurmaly bolýar. Bu bolsa olara başardyp duranok. Şol sebäpli hem göwnüçökgünlilik, gam-gussa emele gelýär.*

*****

*Şöhrat barada. Şöhratly adam zarýadlanan jisim ýaly bolýar. Şöhrat ulandygyňça azalýar. Zarýadsyzlanýar. Bu bolsa durmuşyň gyzygyny has hem gaçyrýar. Saglygyň, puluň, üstesine şöhratyň hem bolmasa, nämä guwanjak, nämä şatlanjak?*

*****

*Agzalalyk hakda: "Başlaryny bir ýakadan çykaryp bilmedi" diýilýär eken.*

*****

*Özüňi kemsitjek bolýanlardan ägä bolmaly. Mertebäňi goramaly hem özüňe gaty golaýlaşdyrmaly däl.*

*****

*Şöhrat öz-özünden gelende akar suw ýaly bolup gelýär... Emeli, galp şöhrat sorujy (nasos) bilen ýokaryk galdyrylan suw ýaly. Sorujy ýatdygy, şöhrat guraýar.*

*****

*Pulmesileriň çeper döredijilige baş urmaklygy nämedenkä? Gözleri gidýänligi sebäpli şoňa girip, şonda galmak isleýändirler.*

*****

*Zadyň bolanda-da, ýaşap bilmeseň, peýdasy ýok. Zat, ulanyp bilmeseň, harama gidýär.*

*****

*Köne goşgyny işlemek köne penjegi bejeren ýaly bir zat.*

*Pikirlenmäňi bes etseň, ýazmaňy hem bes edýärsiň.*
***
*Gaty kän goşgy ýazdym. Ýazdym-ýazdym, ýadamadym. Hudaý berende şeýle bolýar eken.*
***
*Dünýäni undup, diňe döredijilik bilen meşgul bolup bolsa bolmaýarmy?!*
***
*Ulumsylyk, gedemlik etmeli däl. Mylakatly bolmaly. Gowy netije berýär.*
***
*"Adama mätäç etme" diýmeli däl. "Namarda mätäç etme" diýmeli. Namart – minnet edýän, eden ýagşylygyny diline çolaýan adamdyr.*
***
*Saýhally, zol bizar edilip durulmaýan dostluk uzaga gidýär.*
***
*Çem gelene wagtyňy taladyp oturmak özüňi sylamazlyk bolýar.*
***
*Özüňi gyzyklandyrmaýan gürrüňleri diňlemeli däl. Ol ruhuňy ýadadýar.*
***
*Ejir iki hili bolýar. Fiziki ejir hem ruhy ejir.*
*Adamlaryň çekýän ruhy ejiri görnenok. Şonuň üçin biz olaryň ir ölmeginiň sebäbini çeken fiziki ejirinden gözleýäris.*
***
*Talantyň bilen özüňe duşman gazanmaly däl, dost gazanmaly.*
***
*Halamaýan adamlaryň hakda pikir etmeli däl. Olara üns bermeli däl. Şonda göwnüň giň, nerwiň rahat bolýar.*





**Şahyrlar:Atajan Annaberdiýew , Gurbannazar Ezizow we beýlekiler (Gurbannazar Ezizowyň soňky düşen suraty).**



**Atajan Annaberdiýew we Altymyrat Orazdurdyýew...**




**Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň "Mollanepes" adyndaky baýragynyň ilkinji eýesi**




Шахыр Атаджан Аннабердыеве
1991 йылда „Гарагум", „Ёшлык" журналларының 9 номерлеринде чап эдилен гошгулары үчин
1991 йылда Түркменистан Языжылар союзының
МОЛЛАНЕПЕС
адындакы байрагы
берилди хем-де Түркменистан Языжылар союзының
Молланепес адындакы байрагының лауреаты
диен ат дакылды

Түркменистан Языжылар союзының
правлениесиниң башлыгы [illegible]
1992 йылың « 31 » декабрь №1



**Atajan Annaberdiýew 1974-nji ýylda 28 ýaşyndaka Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň agzalygyna kabul edildi.**




...



**Sylaglanan medallary...**



...



...






**Şahyryň öz çalan saz gurallary.**



**Hat ýazýan enjamy.**




**Hat ýazýan enjamynda , soňky ýazan hatlary.**



**Şahyryň öz kitap tekjesi: takmynan 1,500-e golaý kitap..**



**Şahyryň öz kitaplary...**


КӨМЕЛЕКЛИ МЕЙДАН
BAGTYÝARLYK BAHARY

...


ATAJAN ANNABERDI
ATAJAN ANNABERDI
YŞKA DÜŞEN GÜNLERIM
Сәхер чыгы
КӨМЕЛЕКЛИ МЕЙДАН



**(Suratlaryň hili pes, hem-de surat apparatynda alynmadyk, el telefonlarynda surata düşürlen.)**
**E-kitaby taýynlan:Babaýew Merdan.**
**Hemaýat edenler:**
**www.ertir.com internet portalynyň birnäçe agzalary we şahyryň maşgala agzalary...**

# Soňy